**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– TÜRKMENISTAN YKDYSADYÝETIŇ ILERI TUTULÝAN PUDAKLARYNDA MAÝA GOÝUM TASLAMALARYNY AMALA AŞYRMAK BOÝUNÇA HYZMATDAŞLYGA HEMIŞE AÇYKDYR.**

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

21-nji iýul, 2023. Belgisi 29/1543



# SEBITARA HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE UGURLARY ÖŇE SÜRÜLDI

***19-njy iýulda Saud Arabystany Patyşalygynda iş saparynda bolan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Aýlagdaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşine agza ýurtlaryň hem-de Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň sammitine gatnaşdy.***

Sammitiň geçirilýän Jidda şäherindäki «Ritz-Carlton» kaşaň myhmanhanasynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Saud Arabystany Patyşalygynyň Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Saud mähirli mübärekleýär. Soňra döwlet Baştutanymyz dostlukly ýurduň Hökümetiniň ýolbaşçysy bilen ýadygärlik surata düşýär.

Ýokary derejedäki duşuşyga geňeşe agza ýurtlaryň hem-de Merkezi Aziýa döwletleriniň – Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň Baştutanlary, şeýle hem Aýlagdaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşiniň Baş sekretary gatnaşdylar.

1981-nji ýylda döredilen Aýlagdaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşine alty ýurt – Bahreýn Patyşalygy, Katar Döwleti, Kuweýt Döwleti, Birleşen Arap Emirlikleri, Oman Soltanlygy we Saud Arabystany Patyşalygy agza bolup durýar.

Wekiliýetleriň Baştutanlarynyň gatnaşyjy ýurtlaryň Döwlet baýdaklarynyň öňünde bilelikdäki resmi surata düşmek dabarasyndan soňra, sammit geçirildi. Onuň gün tertibine özara bähbitli köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ugurlaryň giň gerimi boýunça ösdürmegiň meseleleri girizildi.

Saud Arabystany Patyşalygynyň Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Saud belent mertebeli myhmanlary mähirli mübärekläp, şu duşuşygyň netijeli döwletara we sebitara hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin täze mümkinçilikleri açjakdygyna ynam bildirdi.

Soňra sammite gatnaşyjylara söz berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow çykyşynyň başynda Iki Mukaddesligiň Hyzmatkäri, Saud Arabystany Patyşalygynyň Patyşasy Salman ben Abdelaziz Al Sauda myhmansöýerlik we mähirli kabul edişlik, şeýle hem sammiti ýokary derejede geçirmek boýunça döredilen oňaýly şertler üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi. Döwlet Baştutanymyz Saud Arabystany Patyşalygynyň Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Sauda hem maslahatyň üstünlikli guralandygy üçin minnetdarlyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, häzirki döwürde dürli sebitlerde, şol sanda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Aýlag hyzmatdaşlyk geňeşine girýän döwletleriň ýakyn künjeklerinde çylşyrymly halkara syýasy ýagdaýlar ýüze çykýar. Şonuň üçin bar bolan ählumumy wehimler we howplar döwletlerimiziň tagallalaryny birleşdirmegini hem-de zerur bolan çözgütleri kabul etmegini talap edýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Merkezi Aziýanyň we Aýlag hyzmatdaşlyk geňeşiniň döwletleriniň daşary işler ministrleriniň hemişelik esasda hereket edýän maslahatyny döretmegiň maksadalaýyk boljakdygyny aýtdy.

Syýasy meseleler bilen bir hatarda, söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi hem örän ähmiýetli wezipeleriň hatarynda durýar diýip, hormatly Prezidentimiz ulag, energetika, maýa goýumlar we söwda pudaklaryny ileri tutulýan ugurlar hökmünde görkezdi. Bu ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin, ilkinji nobatda, biziň sebitlerimizi birleşdirmek maksady bilen, täze üstaşyr ulag geçelgeleri, berk we ygtybarly logistika infrastrukturasyny döretmegi wajyp hasaplaýarys. Ulag ulgamynda tagallalary utgaşdyrmak üçin Merkezi Aziýanyň we Aýlag hyzmatdaşlyk geňeşiniň ýurtlarynyň Ulag komitetini döretmegi teklip edýäris diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz çykyşyny dowam edip, energetika pudagyna hem giň orun berilýändigini, bu ýurtlarda baý energiýa çeşmeleriniň, ýangyç-energetika serişdeleriniň we olary gaýtadan işleýän güýçli önümçilik desgalarynyň bardygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz energetika pudagynda bilelikdäki hereketleriň mümkinçiliklerini seljermek we maslahat bermek işlerini alyp barjak Energetika boýunça bilelikdäki iş toparyny döretmegi teklip etdi.

Şeýle hem Merkezi Aziýa we Aýlag ýurtlarynyň arasyndaky söwda gatnaşyklaryny ösdürmek, özara söwda dolanyşygynyň möçberini yzygiderli artdyrmak zerur bolup durýar. Döwlet Baştutanymyz bu maksatlary amala aşyrmak üçin Merkezi Aziýanyň we Aýlag hyzmatdaşlyk geňeşiniň ýurtlarynyň Söwda edarasyny döretmek baradaky teklibi öňe sürdi. Maýa goýumlar babatda hyzmatdaşlyk üçin giň mümkinçilikler bar. Türkmenistan ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklarynda maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmak boýunça hyzmatdaşlyga hemişe açykdyr. Şunuň bilen baglylykda, 2024-nji ýylda Türkmenistanda Merkezi Aziýanyň we Aýlag hyzmatdaşlyk geňeşiniň ýurtlarynyň Birinji maýa goýum forumyny geçirmek teklip edildi.

Hormatly Prezidentimiz döwletara hyzmatdaşlykda medeni-ynsanperwer ulgamyň hem uly ähmiýete eýe bolup durýandygyny belledi. Şundan ugur alyp, Türkmenistan medeni hyzmatdaşlygyň täze platformasyny – Merkezi Aziýanyň we Aýlag hyzmatdaşlyk geňeşiniň Medeniýet dialogyny döretmegi teklip edýär. Häzirki günde ählumumy ösüşiň gün tertibinde duran möhüm meseleleriň biri-de ekologiýa ulgamydyr. Döwlet Baştutanymyz Merkezi Aziýanyň we Aýlag hyzmatdaşlyk geňeşiniň döwletleriniň Ekologiýa geňeşiniň döredilmegi baradaky meselä seretmegi teklip etdi.

Lukmançylyk we saglygy goraýyş ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmek hem derwaýys wezipeleriň biridir. Bu babatda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy tarapyndan wajyp halkara başlangyçlar öňe sürüldi. Bu teklipleri iş ýüzünde durmuşa geçirmek we lukmançylyk diplomatiýasy babatdaky gatnaşyklary ösdürmek üçin hormatly Prezidentimiz 2025-nji ýylda Aşgabat şäherinde Merkezi Aziýanyň we Aýlag hyzmatdaşlyk geňeşiniň döwletleriniň Lukmançylyk kongresini geçirmegi teklip etdi.

Döwlet Baştutanymyz bedenterbiýe we sport ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň ähmiýeti barada aýtmak bilen, Merkezi Aziýanyň we Aýlag hyzmatdaşlyk geňeşiniň döwletleriniň Birinji halkara sport oýunlaryny geçirmegiň bu ugurdaky ilkinji ädimleriň biri boljakdygyny belledi. Şeýle oýunlar açyk häsiýete eýe bolmalydyr. Bu çäräni guramak üçin Türkmenistan bar bolan ähli döwrebap sport infrastrukturasyny hödürlemäge we oýunlara gatnaşyjylar üçin iň amatly şertleri döretmäge taýýardyr.

Hormatly Prezidentimiz çykyşynyň ahyrynda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň hem-de Aýlag hyzmatdaşlyk geňeşiniň döwletleriniň Baştutanlarynyň şu möhüm we ýokary derejeli maslahatyny guraýan Aýlag hyzmatdaşlyk geňeşiniň Baş sekretary jenap Jasem Mohamed Al Budaiwä we ähli wekillere minnetdarlyk bildirdi.

Saud Arabystany Patyşalygynyň Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri döwlet Baştutanymyza doly derejeli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge gönükdirilen möhüm başlangyçlar beýan edilen çuň many-mazmunly çykyşy üçin hoşallyk bildirdi.

Aýlagdaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşine agza ýurtlaryň hem-de Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň sammitiniň netijeleri boýunça Bilelikdäki Beýannama kabul edildi.

## TÜRKMEN-SAUD GATNAŞYKLARY BERKEÝÄR

Şol gün iş saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Saud Arabystany Patyşalygynyň Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Saud bilen duşuşyk geçirdi. Döwlet Baştutanymyz hem-de dostlukly ýurduň Hökümetiniň ýolbaşçysy döwletara gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmaga dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirip, anyk netijeleriň gazanylmagyna gönükdirilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň okgunly ösüşe eýedigini nygtadylar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Saud Arabystanynyň Patyşasy Salman ben Abdelaziz Al Sauda hem-de Mirasdüşer Şazada, Premýer-ministr Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Sauda sammite gatnaşmaga çakylygy üçin minnetdarlyk bildirip, bu çäräniň üstünlikli geçirilmegi bilen gutlady, şeýle hem türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň iberen mähirli salamyny ýetirdi.

Mirasdüşer Şazada, Premýer-ministr Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Saud Saud Arabystany Patyşalygynyň Türkmenistan bilen däp bolan dostlukly gatnaşyklara we netijeli hyzmatdaşlyga ygrarlydygyny tassyklap, Gahryman Arkadagymyza mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Türkmen-saud hyzmatdaşlygynyň geljegi baradaky pikir alyşmalaryň dowamynda ýurtlarymyzyň köptaraplaýyn görnüşde hem netijeli hyzmatdaşlyk edýändikleri nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda, Aýlagyň hem-de Merkezi Aziýanyň döwletleriniň arasyndaky özara bähbitli gatnaşyklaryň çuňlaşdyrylmagynyň binýadyny goýan şu gezekki sammitiň ähmiýeti bellenildi. Türkmenistanyň öňe süren hem-de foruma gatnaşyjylaryň ählisi tarapyndan makullamak bilen kabul edilen anyk teklipleri bu hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine ýardam bermäge gönükdirilendir.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Mirasdüşer Şazada, Premýer-ministr Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Saud döwletara gatnaşyklaryň mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege we iki ýurduň doganlyk halklaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

# TÄZE EÝÝAMYŇ GUWANDYRYJY NETIJELERI

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň saýasynda eziz Watanymyzyň her bir güni toýdur baýramlara beslenýär. «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip atlandyrylan üstümizdäki ýylda durmuşa geçirilýän tutumly işler halkymyzyň guwanjyny goşalandyrýar.***

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda agzybir, ruhubelent halkymyz ajaýyp zamanamyzda abadan, eşretli durmuşyň hözirini görüp ýaşaýar. Halkymyzyň röwşen geljegine gönükdirilen, milli ykdysadyýetimiziň depginli ösüşine netijeli itergi berýän döwrebap önümçilik desgalary



yzygiderli gurlup, ulanylmaga berilýär. Şäherlerimiziň, şäherçelerimiziň, obalarymyzyň binagärlik keşbi gözümiziň alnynda özgerýär. Gojaman Köpetdagyň eteginde gurlan Arkadag şäheri pederlerimizden miras bolup gelýän gurmak, döretmek ýaly asylly ýörelgeleriň dabaralanýandygynyň aýdyň subutnamasy boldy. Sebitde ýeke-täk «akylly» şäheriň dabaraly ýagdaýda açylmagy göwünlerimize ganat berdi. «Halkyň abadan, asuda we bagtyýar durmuşda ýaşamagy hakyndaky alada döwlet syýasatymyzda hemişe öňe sürýän baş maksadymyzdyr» diýip nygtaýan döwlet Baştutanymyza aýdylýan alkyşlar dillerimiziň senasyna öwrülýär. Garaşsyz, baky Bitarap Diýarymyzyň içeri we daşary syýasatynda gazanylýan ösüşlerdir ýetilýän belent sepgitler bütin dünýäde ykrar edilýär we ýurdumyzyň halkara abraýy barha beýgelýär.

Golaýda, Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda geçirilen Hökümetiň giňişleýin mejlisinde berlen hasabatlardyr getirilen maglumatlar, kabul edilen çözgütler muny aýdyňlygy bilen tassyklaýar. Mejlisde bellenilişi ýaly, hasabat döwründe ýurdumyzda jemi içerki önümiň ösüşi 6,2 göterim ýokarlandy. Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna milli ykdysadyýeti ösdürmäge gönükdirilen maýa goýumlaryň möçberi 24,6 göterim artyp, jemi içerki önümiň 16 göterimine deň boldy. Özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň 49,4 göterimi önümçilik, 50,6 göterimi durmuş we medeni maksatly binalaryň gurluşygyna gönükdirildi. Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, hasabat döwründe ýurdumyzda 1 milliard 400 million manatdan gowrak möçberde düýpli maýa goýumlar özleşdirildi. Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasy, şeýle hem beýleki sebit taslamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär. ■ 2

# OKUWA KABUL ETMEK IŞLERI BADALGA ALDY

***14-nji iýulda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde hormatly Prezidentimiz Buýruga gol çekdi. Resminama laýyklykda, 2023-nji ýylda Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerine welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça okuwa kabul etmegiň meýilnamasy tassyklanyldy. Ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegi 17-nji iýul–28-nji awgust aralygynda guramak tabşyryldy. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz degişli döwlet toparynyň düzümini tassyklady. Bu topara kabul etmäge guramaçylyk-usulýýet taýdan ýolbaşçylyk etmek hem-de onuň bellenen tertipde geçirilmegini guramak tabşyryldy. Mundan başga-da, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleri Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmek boýunça iş toparlarynyň talabalaýyk işlemegi üçin zerur şertleri döretmäge borçly edildi.***

Bilim edaralarynyň sanynyň ýylsaýyn artmagy ýurdumyzyň halk hojalygy toplumynyň kuwwatynyň yzygiderli ýokarlanýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Bu bolsa, öz gezeginde, ýokary hünär derejeli ýaş işgärleriň barha köp sanlysyny taýýarlamagy talap edýär. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy bilen Arkadag şäherinde döredilen Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasyna şu ýyl ilkinji gezek talyplar kabul edilýär.



Şeýle hem halk hojalygynyň dürli pudaklarynyň ýokary hünärli işgärlere bolan zerurlygyny nazara almak bilen, täze hünär bilim edaralary açylýar. Şolaryň hatarynda Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebi hem-de Saçly Dursunowa adyndaky Arkadag şäher lukmançylyk orta hünär okuw mekdebi bar. ■ 2



**BRIKS-e gyzyklanma artýar**

**Häzirki wagtda Ýakyn Gündogar ýurtlaryndaky köp sanly halkara guramalarynyň we global maliýe ulgamlarynyň arasynda çalt depginler bilen ösýän BRIKS-e gyzyklanma has-da artýar.**

4



**DEŇIZ SUWY näme üçin duzly?**

**Deňiz suwy aşa duzly bolmagy bilen tapawutlanýar. Deňizdäki duz ýa-da ummanlaryň duzlulygy, esasan, gury ýerdäki mineral ionlaryň suwa goşulmagy netijesinde ýüze çykýar.**

5



**ILKINJI ALTYN MEDAL**

**Woleýbol boýunça zenanlaryň arasynda geçirilen Milletler Ligasynda Türkiýäniň ýygyndysy çempionlyk gazanmagy başardy.**

7



# TÜRKMEN DEMOKRATIÝASYNYŇ AJAÝYP NUSGASY

**18-nji iýulda Maslahatlar merkezinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisi geçirildi. Onuň dowamynda Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramyna hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek bilen baglanyşykly meseleler we hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde öňde goýan wezipelerini ýerine ýetirmegiň ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.**

Döwletimiziň we jemgyýetimiziň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň wajyp meselelerini öz içine alýan maslahata Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň agzalary, Mejlisiň ýolbaşçylary, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň, döwlet, häkimiýet, jemgyýetçilik edaralarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary gatnaşdylar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň taryhy çykyşy diňlenildi.

Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny esasynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini çagyrmak we ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk toparyny döretmek, onuň geçiriljek senesini kesgitlemek hem-de düzümini tassyklamak, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň halk maslahatlary tarapyndan teklip edilýän jemgyýetçilik wekillerini hödürlemegiň Tertibini tassyklamak hakynda degişli resminamalaryň kabul ediljekdigini belledi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek bilen bagly işleriň çäginde milli ykdysadyýetiň pudaklarynyň ykdysady we maliýe görkezijileriniň içgin seljerilmelidigini belläp, Milli Liderimiz bu babatda aýratyn möhüm hasaplanýan ugurlar barada aýtdy.

Şeýle-de, Milli Liderimiz ýurdumyzy ösdürmegiň söwda-ykdysady, senagat, önümçilik, dolandyryş, kanunçylyk-hukuk, hyzmat ediş we medeni-durmuş ugurlarynda gazanylan üstünlikler, ýetilen sepgitler baradaky maglumatlary hem-de geljek üçin mümkinçilikleri açýan beýleki habarlary, ol maglumatlar esasynda teklipleri, garaýyşlary gysga wagtda işläp taýýarlamalydygyny belläp, «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň 19-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanynyň guramaçylyk topary bilen bilelikde alyp barmaly işleriniň möhüm ugurlaryny kesgitledi.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanynda Ýaşulular geňeşiniň döredilendigini aýdyp, Milli Liderimiz ýaşulularyň bu ugurda alnyp barylýan işlere doly girişip, olaryň birnäçe asylly, döwletli işleri alyp barýandygyny kanagatlanma bilen belledi. Mundan beýläk hem ýaş nesilleriň aladasy edilip, olar goldaw-hemaýat bilen gurşalar we çagalaryň bähbitlerinden ugur alnyp, asylly işler döwlet derejesinde dowam etdiriler. Şunda hormatly ýaşulularymyzyň türkmeniň asyl ýörelgelerine esaslanýan garaýyşlaryna, alyp barýan işlerine ýokary baha berýäris. Şol maksatlar bilen, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Ýaşulular geňeşini döretmek barada netijä geldik diýip, Gahryman Arkadagymyz sözüni dowam etdi.

Şu mejlise geňeşiň agzalarynyň çagyrylandygyny, olaryň Türkmenistanyň Halk Maslahatyna taýýarlyk görmek boýunça teklipleri taýýarlandyklaryny belläp, türkmen halkynyň Milli Lideri geňeşiň agzalarynyň Arkadag şäheri we ol ýerde gurlan çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň işi bilen içgin tanyşmagynyň wajypdygyna ünsi çekdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek boýunça ilkinji nobatda ýerine ýetirilmeli işler barada çykyş etmek üçin Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanynyň iş dolandyryjysy K.Babaýewe söz berdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlygyň çäklerinde guramaçylyk topary bilen bilelikde utgaşykly işleri ýola goýup, öňde goýlan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek ugrunda degişli düzümler bilen ähli zerur tagallalaryň ediljekdigini nygtap, K.Babaýew şunda degişli seljermeleri, teklipleri taýýarlamak we mejlisiň gün tertibini, onda kabul ediljek resminamalaryň taslamalaryny tassyklamak boýunça degişli çäreleriň, duşuşyklaryň yzygiderli geçirilmeginiň göz öňünde tutulýandygyny habar berdi.

Gahryman Arkadagymyz çykyşy diňläp, häzirki döwürde ýurdumyzda halkara hyzmatdaşlygynyň ösdürilýändigini aýratyn belledi. Şunda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň agzalarynyň dünýäniň dürli ýurtlarynda ýaşasalar-da, Garaşsyz Türkmenistanyň gazananlaryny halkara derejede wagyz edýändiklerini, dürli ugurlardaky dostlukly hyzmatdaşlygy ösdürmäge öz mynasyp goşantlaryny goşýandyklaryny hem-de her ýylyň sentýabr aýynda Garaşsyzlyk baýramy mynasybetli birleşigiň maslahatlaryny geçirip, alyp baran işleriniň jemini jemleýändiklerini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Arkadagymyz bu guramanyň alyp barýan işleri hem-de birleşigiň maslahatyna görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat bermek üçin Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidentiniň orunbasary R.Bazarowa söz berdi.

R.Bazarow çykyşynda ýurdumyzyň Bitaraplyk derejesine esaslanýan daşary syýasatynyň we öňe sürýän halkara başlangyçlarynyň dünýä derejesinde giňden ykrar edilýändigini nygtady. Şunda Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan asylly işleriniň Arkadagly Serdarymyz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilmegine möhüm ornuň degişlidigi bellenildi.

Häzirki wagtda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň nobatdaky maslahatynyň gün tertibiniň taýýarlanylýandygyny, ýörite meýilnama laýyklykda, daşary ýurtly wekilleriň mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly baýramy mynasybetli guraljak medeni çärelere gatnaşmagy bilen baglanyşykly meseleleriň işjeň öwrenilýändigini we olar boýunça zerur tagallalaryň edilýändigini nygtap, R.Bazarow hasabatyny jemledi.

Soňra Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi. Ol Prezidiumyň mejlisinde Milli Liderimiziň aýry-aýry pudaklara uly üns berendigini, şol sanda bilim, medeniýet, saglygy goraýyş, ulag we beýleki ulgamlar boýunça möhüm wezipeleri kesgitländigini belledi. Bu maksatlar halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini barha ösdürer diýip, daşary işler ministri ýurdumyzda alnyp barylýan taryhy işlere, Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, ýedi ýaşdan ýetmiş ýaşa çenli raýatlaryň gatnaşýandyklaryny aýtdy. Bu jebisligiň, agzybirligiň, bitewüligiň nyşanydyr.

Ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy sözüniň ahyrynda Gahryman Arkadagymyzyň örän oýlanyşykly çözgütleriniň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegi, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek boýunça işlere şu günden başlap ýokary derejede, guramaçylykly girişiljekdigine ynandyrdy.

Soňra Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy D.Gulmanowa söz berildi. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda halkymyzyň ýurdumyzda gazanylýan üstünliklere buýsanyp, döwletimiziň beýik geljegine uly ynam bilen garap, jebislikde, agzybirlikde zähmet çekýändigini bellemek bilen, Mejlisiň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ata-babalarymyzyň ýurdy dolandyrmak meselelerinde toplan baý taryhy tejribesini, milli aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe jemgyýetimiziň agzybirligini, jebisligini berkitmek, döwlet ähmiýetli meselelere ilatyň ähli gatlaklarynyň wekillerini giňden çekmek arkaly maslahatlaşyp çözmek baradaky başlangyçlarynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini uly buýsanç bilen nygtady.

Şeýle-de, ol Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisinde Milli Liderimiziň il içinde abraýdan peýdalanýan, öz halal zähmeti bilen ýokary zähmet üstünliklerini gazanan watandaşlarymyzy döwlet sylaglaryna hödürlemek, hormatly atlary dakmak boýunça degişli işleri geçirmekde öňde durýan wezipeleri kesgitländigini belläp, bu işleriň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün ediljekdigini aýtdy.

Soňra mejlis Aşgabat şäher halk maslahatynyň başlygy, Hormatly il ýaşulusy G.Ataýewiň çykyşy bilen dowam etdi. Ol Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň başynda Gahryman Arkadagymyzyň döwlet ähmiýetli mejlisi geçirip, taryhy söz sözlemek bilen, möhüm ähmiýetli wezipeleri kesgitländigini belledi. Şol wezipelerden ugur alyp, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň agzalary halkyň arasynda bolup, wagyz-nesihat işlerini geçirdiler we şunda uly mümkinçilikleriň döredilendigi üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize özleriniň hoşallyk sözlerini beýan etdiler.

Gahryman Arkadagymyz çykyşlar üçin minnetdarlyk bildirip, öňde boljak şanly seneler mynasybetli geçiriljek çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilmegi babatda degişli düzümleriň sazlaşykly işleriniň ýola goýulmalydygyny belledi.

Biz geljekde-de dürli ugurlarda alyp barýan özgertmeler syýasatymyzy üstünlikli dowam etdirmek üçin teklipleriň üstünde işlemeli. Şunda iň esasy maksat ýurdumyzyň ähli ilatynyň abadan ýaşaýşyny üpjün etmek, her bir adam üçin amatly ýaşaýyş gurşawyny döretmek bolup durýar diýip, Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisini jemledi.

# TÄZE EÝÝAMYŇ GUWANDYRYJY NETIJELERI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Köpetdagyň eteginde döwrüň täsin gudraty bolup dörän Arkadag şäheriniň dabaraly açylmagy bolsa diňe birinji ýarym ýyllygyň däl, eýsem, garaşsyz ösüşiň bütin taryhynyň iň şanly wakalarynyň birine öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiziň Permany esasynda 2024-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan edara-kärhanalaryň işgärleriniň zähmet haklary, raýatlaryň pensiýa hem-de döwlet kömek pullary, talyp we diňleýji haklary 10 göterim ýokarlandyrylýar. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny ösdürmek arkaly ýöredýän ynsanperwer syýasatynyň mynasyp dabaralanmasydyr.

Prezident Maksatnamalarynyň çäginde möhüm



ähmiýetli binalaryň ençemesi gurlup, ulanylmaga berildi. Ýurdumyzyň welaýatlarynda, şäherlerinde we etraplarynda meýdany 1 million 400 müň inedördül metre barabar bolan ýaşaýyş jaýlary guruldy. Olarda ildeşlerimiz bagtly durmuşyň hözirini görýärler. Ilatyň saglygynyň goraglylygyny üpjün etmek meselesine hem uly üns berilýär.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelere laýyklykda, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda gazanylýan guwandyryjy netijeler, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşiniň görkezijileri adam hakyndaky aladanyň döwlet syýasatynda ileri tutulýan ugurdygyny bütin aýdyňlygy bilen görkezýär. Bular Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», Arkadagly Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýörelgeleriniň rowaçlanýandygynyň güwänamasy bolup dabaralanýar.

Döwlet Baştutanymyzyň ýurdumyzyň asudalygyny, durmuş-ykdysady taýdan ösüşini üpjün etmäge, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga, Ýer ýüzünde parahatçylygyň, ynanyşmagyň, agzybirligiň berkidilmegine gönükdirilen syýasaty Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze belentlikleri nazarlaýar. Alnyp barylýan beýik işlere, döwletimiziň ösüşlerine mynasyp goşant goşmak bolsa, her birimiziň mukaddes borjumyz bolup durýar.

**Jamal MANAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Elektroulag batareýa zawodyny gurar




Hindistanyň «Tata Group» kompaniýasy Angliýada umumy bahasy 4 milliard sterling bolan elektroulag batareýa zawodyny gurar. Angliýanyň Söwda ministrligi munuň ýurduň awtoulag senagatyndaky iň uly maýa goýumlaryň biri boljakdygyny mälim etdi. Zawod 4 müň iş ornuny döreder. Zawodda 2030-njy ýyla çenli zerur bolan batareýanyň ýarysy öndüriler. Şeýle hem bu taslama «Tata Group»-yň Hindistanyň daşyndaky iň iri maýa goýumy bolar. Zawodyň önümçilik kuwwaty 40 gigawat/sagatlyk batareýa bolup, Ýewropanyň bu ugurdaky iň uly zawody bolar.

Önümçiligiň 2026-njy ýylda başlanmagyna garaşylýar. Bu ýerde «Range Rover», «Defender», «Discovery» we «Jaguar» ýaly JLR kompaniýasynyň elektroulaglarynyň batareýalary öndüriler. Beýik Britaniýanyň hökümet Başlygy Rişi Sunak «Tata Group»-yň maýa goýumynyň ýurduň ykdysadyýetini güýçlendirmäge, iş orunlaryny döretmäge we nol uglerodly ulaglara geçmäge goşant goşjakdygyny belledi.

# OKUWA KABUL ETMEK IŞLERI BADALGA ALDY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

**TÄZE OKUW ÝYLY BILEN BAGLANYŞYKLY GYZYKLY MAGLUMATLAR:**

2023-2024-nji okuw ýylynda ýokary okuw mekdepleriniň 10-syna täze hünärleriň 35-si girizildi. Şolaryň 21-si bakalawr, 8-si hünärmen, 6-sy magistr maksatnamalaryny öz içine alýar.

Şu okuw ýylynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde taýýarlyk ugurlarynyň 2-si açylyp, talyplar durmuş işi ugry boýunça bakalawr, pedagogika bilimi ugry boýunça bolsa magistr maksatnamasy esasynda okuwa kabul ediler.

Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty hem taýýarlygyň durmuş işi ugry boýunça bakalawr, psihologiýa-pedagogika bilimi ugry boýunça magistr maksatnamasyna laýyklykda talyplara bilim berip başlar.

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda hem maglumat howpsuzlygy ugry boýunça bakalawr, binagärlik we gurluşyk işlerinde raýat goranyşyny meýilleşdirmek, ýol gurluşygy işlerinde raýat goranyşy, himiýa senagatynda we ulanylyşynda raýat goranyşy hünärleri boýunça hünärmen maksatnamasy esasynda talyplara bilim berlip başlanar.

Tutuşlygyna bilim bermegiň iki basgançakly ulgamyna geçen Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň okuw maksatnamasyna şu ýyl täze taýýarlyk ugurlarynyň birbada 6-sy girizildi. Geljekki ykdysatçylary taýýarlaýan bu ýokary okuw mekdebi taýýarlygyň buhgalterçilik hasaba alnyşy, analiz we audit, maliýe, önümçiligiň ykdysadyýeti we guralyşy, işewürlik-informatika ugurlary boýunça bakalawr, maliýe menejmenti, işewürlik-dolandyryş ýaly ugurlardan bolsa magistr maksatnamalary esasynda talyplary taýýarlap başlar.

Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynda täze hünärleriň birbada 8-si açyldy. Indi dalaşgärler demir ýollaryň elektrik üpjünçiligi, lokomotiwler, wagonlar hünärleri boýunça hünärmen, gozgalmaýan emläkleriň ekspertizasy we dolandyrylyşy, ýerüsti ulag-tehnologiki serişdeler, sanly infrastruktura we kiberhowpsuzlyk, howa hereketiniň dolandyrylyşy, howa ulagynda gatnawlary guramak we dolandyrmak ugurlary esasynda bolsa bakalawr maksatnamasyna laýyklykda öz resminamalaryny tabşyryp bilerler.

S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti taýýarlygyň maglumat howpsuzlygynyň menejmenti (oba hojalygynda), Türkmen oba hojalyk instituty bolsa oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemegiň tehnologiýasy ugry boýunça bakalawr maksatnamasy esasynda talyplyga kabul eder.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda magistr maksatnamasy esasynda halkara ykdysadyýeti ugry girizildi.

Türkmen döwlet maliýe institutynda telekeçilik we maliýe ugrunyň açylandygyny bellemek bolar.

Şu okuw ýylynda açylan 35 hünäriň aglabasynyň milli ykdysadyýetimiziň ulag-aragatnaşyk, obasenagat, telekeçilik, gurluşyk, maliýe-ykdysadyýet hem-de maglumat tehnologiýalary ýaly geljegi uly ugurlary bilen bagly bolmagy agzalan toplumlarda işleri kämilleşdirmek boýunça maksatnamalaýyn çäreleriň alnyp barylýandygyny görkezýär.

***Metbugat maglumatlary esasynda taýýarlandy.***

**BILDIRIŞ**

Akmämmedowa Gülşat Batyrdurdyýewnanyň adynda duran BU 12-24 AG döwlet belgili «TOYOTA AVALON» awtoulagy üçin berlen bellige alnanlygy hakynda güwänamanyň ýitendigi sebäpli, ony güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.



# Käbäniň örtügi çalşyldy

Ähli musulmanlar üçin mukaddes hasaplanýan Käbäniň örtügi çalşyldy. Her ýyl bolşy ýaly, onuň örtügi aýrylyp, ýerine täzesi goýuldy. Bu barada Saud Arabystanynyň resmi habarlar agentligi SPA habar berýär.

Jemi 45 bölekden ybarat bolan örtük 850 kilogram arassa ýüpek matadan tikilýär. Onuň ýüzüne nagyşlary çekmek we hatlary ýazmak üçin 120 kilogram altyn we 100 kilogram kümüş ulanylýar. Adatça Käbäniň örtügi hijri-kamary senenamasynyň ilkinji güni – muharrem (aşyr) aýynyň birinji güni dabaraly ýagdaýda çalşylýar. Bu örtük 200 hünärmen tarapyndan taýýarlanýar.

# 12 sagatda 566 million nahal ekildi

**Efiopiýada 12 sagadyň dowamynda 566 million agaç nahaly ekilip, rekord goýuldy. Ýurtda «Ýaşyl miras» atly başlangyjyň esasynda ýaşyl zolaklary döretmek işine uly ähmiýet berilýär. Mundan ozal, 2019-njy ýylda Efiopiýada 350 milliondan gowrak agaç ekilip, rekord goýulypdy. Şu aýyň 8-ine ýurduň Premýer-ministri Abiý Ahmed 500 million agaç nahalynyň oturdyljakdygyny mälim edipdi. Şonda ol diňe efiopiýalylary däl, eýsem, bu ýurtda ýaşaýan daşary ýurtlulary, ilçihanalaryň we halkara guramalarynyň işgärlerini, üstaşyr geçýän ýolagçylary hem bu çärä gatnaşmaga çagyrdy. 17-nji iýulda geçirilen çärede meýilleşdirilenden has köp – 566 million nahal oturdyldy. Ir säher bilen başlan agaç ekmek çäresi giç agşama çenli dowam etdi. Abiý Ahmed bu nahal ekmek çäresine halk köpçüliginiň işjeň gatnaşandygyny belläp, onuň hötdesinden bilelikde gelendiklerini aýtdy.**



**Birleşen Milletler Guramasynyň maglumatyna görä, XX asyryň başlarynda umumy meýdanynyň 35 göterimi tokaýlardan ybarat bolan Efiopiýanyň häzirki wagtda tokaý zolaklarynyň meýdany 15 göterime çenli azaldy.**

**Ýurtda nahal ekmek we olara ideg etmek çäresiniň dowam etdiriljekdigi mälim edildi. «Ýaşyl miras» atly başlangyjyň 2023-2026-njy ýyllar aralygyny öz içine alýan birinji tapgyrynyň esasynda ýurtda 25 milliard agaç nahalynyň oturdylmagy meýilleşdirilýär.**

# Ilkinji «iPhone» rekord bahadan satyldy

2007-nji ýylda satuwa çykarylan, gutusy açylmadyk «iPhone» rekord bahadan satyldy. 158 müň 644 dollara satylan telefony alan adam ony öz kolleksiýasyna goşmak üçin alypdyr.



LCG auksion öýi tarapyndan satuwa hödürlenen telefonyň satylan puluna dört sany «Tesla Model 3» elektroulagy ýa-da 200 sany «iPhone 14» düşýär.

Gutusyndan çykarylmadyk «iPhone» smartfonynyň ilkinji nusgalary mundan ozal hem gymmat bahadan – 63 müň 356 hem-de 54 müň 904 dollardan satylypdy. Täze alnan telefonyň köp programmalarynyň täzelenip bilinmeýändigi we şol sebäpli ulanmak üçin amatly däldigi mälim edildi.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýul aýynyň 21-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112079
Belgisi: 29/1543
Tiražy: 7900
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# INNOWASIÝA ESASLANÝAN DURNUKLY ÖSÜŞIŇ EKOLOGIÝA BILEN SAZLAŞYGY

Durnukly ösüş, innowasiýa we ekologiýa biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly düşünjelerdir. Bu babatda Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda» atly kitabynda durnukly ösüş konsepsiýasynyň üç esasy ugruň – ykdysady, durmuş we ekologiýa ugurlaryň birleşmeginiň netijesinde peýda bolýandygyny belläp geçýär.





Innowasion tehnologiýany özünde jemleýän önümçiligi döretmek köp babatda adam we tebigatyň özara sazlaşykly aragatnaşygyny üpjün etmek bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Bu maksatdan ugur alnyp, ýurdumyzda senagat desgalarynyň galyndysyz işlemekligine hem-de olaryň ýokary derejede ekologiýa talaplaryna laýyk gelmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

Ahal welaýatyndaky ekologiýa taýdan arassa ECO-93 benzinini öndürýän iri senagat toplumy dünýäniň binagärlik we inženerçilik ylymlarynyň iň soňky gazananlaryny özünde jemleýär. Bu önümçilik desgasy Tebigy gazdan sintetiki benzin öndürýän bu önümçilik desgasy ekologiýa taýdan arassalygy bilen dünýädäki beýleki kärhanalar üçin nusga bolup durýar. Bu zawoda ABŞ-nyň Daşky gurşawy goramak gaznasynyň «Ekologiýa taýdan arassa» güwänamasynyň berilmegi hem muňa doly şaýatlyk edýär.

Ýurdumyzda häzirki döwrüň ösen tehnologiýasyna esaslanyp gurulýan önümçilik desgalarynyň sany gün-günden artýar. Şeýle önümçilik desgalarynyň biri hem Balkan welaýatynyň Gyýanly şäherçesindäki polimer zawody hasaplanylýar. Bu zawod polietilen hem-de polipropilen öndürmeklige ýöriteleşen bolup, sebitde iň iri kärhanalaryň biri hasaplanylýar. Bu kärhananyň hem dünýäniň döwrüň ösen innowasion tehnologiýasyny özünde jemleýändigi bilen tapawutlanýar. Munuň hakykatdan hem şeýledigine oňa Şweýsariýanyň Federal tehnologiki institutynyň Energetika departamentiniň «Innowasion tehnologiýalar» güwänamasynyň berilmegi hem doly tassyklaýar.

abraýly guramalary tarapyndan (Germaniýanyň Ýulius Kun adyndaky instituty) «Ýokary tehnologiýaly innowasion kärhana» hökmünde ykrar edilendigini hem-de Sagdyn daşky gurşaw gaznasynyň «Daşky gurşaw üçin howpsuzlygyny» tassyklaýan güwänamanyň hem-de degişli nyşanyň, Paul Şerrer ylmy-barlag institutynyň Energetika departamentiniň (Şweýsariýa) «Durnuklylyk we netijelilik» diýen güwänamasynyň we degişli nyşanynyň berlendigini belläp geçmek gerek.

Ýakynda Köpetdagyň ajaýyp künjeginde Arkadag şäheri gurlup ulanylmaga berildi. Bu täze «akylly» şähere döwrebap enjamlar ornaşdyryldy. Durnukly ösüş, daşky gurşawy goramak we innowasiýa çözgütleri babatynda 20-den gowrak şahadatnamalar we baýraklar bilen sylaglanan bu iri taslamanyň biziň ýurdumyz üçin ähmiýeti uludyr. Arkadag şäheriniň ekologiýa taýdan arassa we ýaşaýyş üçin amatly innowasion tehnologiýalaryň ulanylmagy nukdaýnazardan, bu öňdebaryjy täzeçillik diňe bir ýurdumyz üçin uly ösüş bolmak bilen çäklenmän, eýsem, tutuş sebit üçin hem täze başlangyç bolup durýar.

Arkadag şäheriniň ýaşyl ösüşi maýa goýumlary we innowasiýa, adama gönükdirilen täzeçillik, ekologiýa taýdan arassa senagat we sagdyn jemgyýet gurmak üçin daşary ýurt kompaniýalary we halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmäge uly mümkinçilikleri açýar.

Şäher meýilleşdirilişinde ekologiýa meselelerini ileri tutmak we wajyp ugurlaryň hatarynda öňe sürmek bilen, desgalaryň gurluşygynda ekologiýa taýdan arassa önümleriň ulanylandygyny aýratyn bellemek gerek. Arkadag şäherine «Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sebitinde durnukly, «ýaşyl», howa üçin oňaýly we innowasion çözgütli şäherleri ösdürmek» taslamasyna goşulandygy baradaky şahadatnamanyň gowşurylmagy bu babatda goýlan wezipeleriň netijeli çözgüdiniň aýdyň mysaly bolup durýar.

Görnüşi ýaly, durnukly ösüş, innowasiýa we ekologiýa bir-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup, olaryň özara sazlaşygy esasynda ykdysadyýetde oňyn özgertmeler amala aşyrylýar. Aýdyň maksatlaryň myrat tapýan döwründe ýaşamaga, okamaga, halal zähmet çekmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, belent başy aman, il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaç bolsun!

**Güýçmyrat SOLTANMYRADOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.*

# MAGTYMGULY PYRAGY – KÖŇÜLLERIŇ ÇYRAGY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda türkmen halkynyň şöhratly taryhyny we baý medeni mirasyny düýpli öwrenmek, aýawly saklamak hem-de bütin dünýäde wagyz etmek üçin uly işler alnyp barylýar. Häzirki wagtda dünýä ylmynyň ösmegine saldamly goşant goşan alymlarymyzyň, filosoflarymyzyň döredijiligini öwrenmegimize giň mümkinçilikler döredildi. Halkymyzyň taryhy geçmişinde dünýä meşhur alymlarymyz we beýik şahsyýetlerimiz bolup, şol beýik şahsyýetleriň biri-de dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren, çeper söz sungatyny ösdürmekde we kämilleşdirmekde uly hyzmatlary bitiren türkmeniň beýik şahyry Magtymguly Pyragydyr.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen türkmen dilini we edebiýatyny ösdürip, ýokary derejä ýetiren, çeper söz sungatyny baýlaşdyrmakda uly hyzmatlary bitiren türkmen ruhunyň synmajak sütünidir.

Gahryman Arkadagymyz şahyryň döredijiligine ýokary baha berip «Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna bezän türkmen halkynyň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň mertebesi türkmen halky üçin iň belentde goýlan mukaddeslikleriň biridir» diýip nygtaýar.

Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýubileý toýuny guramaçylykly we dabaraly ýagdaýda geçirmek üçin, şu günlerden taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Bu bolsa halkymyzyň akyldar şahyryna goýýan sarpasynyň iň beýik derejesidir.

Watanymyzyň ähli ýerinde diýen ýaly Pyragynyň ömri we döredijiligi babatda düýpli işler durmuşa geçirilýär. Şahyryň ömri we döredijiligi diňe biziň ýurdumyzda däl, eýsem, daşary ýurtlarda hem giňişleýin öwrenilýär. Balkar şahyry Kaýsyn Kulyýew akyldar şahyryň diňe bir türkmen edebiýatynda däl, eýsem, dünýä edebiýatynda bitiren beýik hyzmatlaryny belläp şeýle baha berýär: «Pyragynyň süýji setirleri bize iki asyr aşyp ýetdi. Onuň setirleri indi köpleriň söýgüsine eýe boldy. Magtymguly hakykatdan-da beýik şahyr bolupdyr. Biziň halkymyzyň däbi boýunça iň belent zatlar Elbrus dagy bilen deňeşdirilýär. Men Magtymgulyny we onuň poeziýasyny şol belent daga deňeşdirýärin. Magtymgulyny biz diňe türkmen poeziýasynyň däl, eýsem, dünýä poeziýasynyň hem Elbrusy hasap edýäris».

Şahyryň döredijiligi halk köpçüligi tarapyndan giňişleýin öwrenilmek bilen,ösüp gelýän ýaş nesillerimiz üçin örän uly terbiýeçilik ähmiýetine eýedir. Şonuň üçin orta we ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan okuwçylara we talyp ýaşlara şahyryň döredijiligi baradaky maglumatlar öwredilýär.

Akyldar şahyryň gelin-gyzlar hakyndaky şygyrlary onuň döredijiliginde iň görnükli orunlaryň birini eýeleýär. Ol öz şygyrlarynda gelin-gyzlaryň durmuşda uly hormata, söýgä mynasyp bolmalydyklaryny ündeýär. Şahyr öz döredijiliginde gelin-gyzlaryň owadanlygyny, mertebesini hemme zatdan ýokarda goýýar. Bu bolsa halk köpçüliginiň pikir duýgusy bilen gabat gelýär.

Şahyr gyz-gelinleri erkek adamlaryň iň ýakyn hossary, janypkeş ýoldaşy hasaplap, bu barada «Durasyň geler» diýen şygrynda şeýle belleýär:

***Gözel bardyr ak kagyz dek bilegi,***
***Jan içinde bile bolar ýüregi,***
***Şeýle gözel mert ýigidiň geregi,***
***Ne hajat islese, beresiň geler.***

«Bili bolmasa» diýen goşgusynda bolsa şahyr il-günüň daşyny gorap ýören goç ýigitleriň özüne mynasyp ýary bolmasa hemişe arman çekip gezýändiklerini nygtaýar:



***Är ýigidiň içi doly armandyr***
***Gara göz, inçe bil ýary bolmasa.***

Meşhur alymlarymyzy, beýik şahsyýetlerimizi öwrenmäge giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, tutumly işleri rowaç bolsun!

**Mähriban KURAMBAÝEWA,**
*Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrap bilim bölüminiň hünärmeni, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty.*

*«Saglyk» Döwlet maksatnamasy hereketde*

# Gün şöhlesiniň täsirinden döreýän deri keselleriniň öňüni almagyň usullary

Köp ýyllaryň dowamynda Gün şöhlesiniň täsir etmeginiň netijesinde deride bozulmalar bolup geçýär. Ýurdumyzda ýylyň dowamynda güneşli günleriň agdyklyk etmegi, ýylyň maýyl we yssy bolmagy, Gün şöhlesiniň täsiri bilen ilatyň arasynda 4-nji fototipiň duş gelýändigi bellenilýär. Şeýle adamlaryň derisi garaýagyz, gözleri we saçlary gara bolup, olaryň derisi bozulmasyz bolýar. Iň uly ähtimallyk derisi açyk reňkli adamlarda döreýär. Fotogarrylygyň alamatlary 40 ýaşdan soň ýüze çykyp başlaýar, emma degişli çäreler berjaý edilende, onuň öňüni almak mümkindir.

Zeperlenmeler köplenç adamyň ýüzünde, ýeňsesinde, elleriniň arkasynda ýüze çykyp, deriniň görnüşi, durky, reňki üýtgäp bilýär. Deri gowşak, myssaran, ýukalan, gurak, dürli tegmilli reňki üýtgän ýaly bolup görünýär.

Zeperlenmeler deride dürli görnüşli örgünleriň örmegi bilen ýüze çykýar, meselem, deriniň gyzaran ýerlerinde düwünjikleriň, iteşen görnüşinde ýa-da düwünjikli-gabarçakly görnüşinde örmegi mümkin. Bu alamatlar ýylda deriniň açyk ýerlerinde, şol bir görnüşde, Gün şöhleleriniň ýiti wagty 7-10 günüň dowamynda saklanýar. Tomus günleri yzygiderli Gün şöhlesiniň täsiriniň astynda bolnanda, deriniň Gün şöhlesine duýgurlygy peselýär, ýöne aýrylmaýar. Köp näsaglaryň keseliniň ýitileşmegi her tomus paslynda gaýtalanýar.

Deriniň Gün şöhlesiniň täsiriniň netijesinde wagtyndan ozal garramaklyga sezewar bolmagynyň öňüni almak üçin durmuşda birnäçe şertleri berjaý etmeli:

– Günüň aşagynda bolmagy çäklendirmeli;

– Günden goraýan eşikleri – uzyn ýeňli, açyk reňkli, nah matadan tikilen köýnekleri geýmeli, kellä ýaglyk daňmaly, başgap geýmeli we saýawan götermeli;

– Tomus paslynda Günüň ultramelewşe şöhlelerinden goraýan serişdeleri (losýon, krem, emulsiýa, spreý we ş.m.) ulanmaly;

– Deriniň ýagdaýyny gözegçilikde saklamaly, üýtgeşmeler peýda bolanda deri lukmanyna ýüz tutmaly;

– Gün şöhlesinden goraýan serişdeleri deri lukmanynyň maslahaty boýunça ulanmaly;

– Yssy howaly ýurtlarda Gün şöhlesiniň täsirini göz öňünde tutup döreýän deri keselleriniň (fotodermatit, fotogarramaklyk, iteşen, ekzema, dowamly gijilewük, deriniň melanomasy, tegmilleriň döremegi, ýakal düşmekligi we ş.m.) öňüni almak üçin ýaz aýlaryndan, ýagny mart aýynyň ikinji ýarymyndan başlap, göni düşýän Gün şöhlesinden goranmaly;

– Deriniň sagdynlygyny saklamak üçin sagdyn durmuş ýörelgesiniň, dogry iýmitlenmegiň ähmiýetiniň uludygyny ýatdan çykarmaly däl.

Adamyň derisiniň Gün şöhlesinden ejir çeken ýerleri garry görünýär. Sebäbi deriniň ähli bölekleri zeperlenýär we dermatokosmetologiki kömege mätäç bolýar.

Ýurdumyzda milli saglygy goraýyş ulgamyny döretmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Adamyň saglygyny we gözelligini bir görnüşe getirýän, bu ugur boýunça innowasion we öňdebaryjy usullary girizýän, ilata ýokary hilli saglygy goraýyş dermatokosmetologiki hyzmatlarynyň dürli görnüşlerini öz içine alýan Estetiki merkeziniň açylmagy halkymyzyň bu ugurda bejeriş-öňüni alyş kömegini almagyna ýardam berýär we deriniň Gün şöhlesinden dörän näsazlyklaryny aradan aýyrmakda uly ähmiýete eýe bolýar.

**Rejepgeldi ATAÝEW,**
*Aşgabat şäheriniň 5-nji Saglyk öýüniň baş lukmanynyň orunbasary, Aşgabat şäher Berkararlyk etrap Halk maslahatynyň agzasy.*

# Türkmeniň saýrak bilbili





Türkmen milli aýdym-saz sungatynda öçmejek yz galdyran ussatlar sanardan kän. Manyly ömrüni opera sungatymyzyň ösmegine bagyş eden Türkmenistanyň halk artisti Medeniýet Şahberdiýewa bilbil owazy bilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň milli medeniýetine egsilmez goşant goşan ägirtleriň biridir. Medeniýet Şahberdiýewa doganlyk halklaryň dillerinde hem ençeme aýdymlary ussatlarça ýerine ýetirip, agzybirligi, parahatçylygy şirin owazy bilen äleme ýaýdy.

Medeniýet Şahberdiýewa belent sesli şirin aýdymlary bilen diňe halkymyzyň däl, eýsem, dünýä halklarynyň ruhy dünýäsiniň baýlaşmagy üçin hem uly tagalla eden halypadyr. «Türkmeniň saýrak bilbili» adyny alan halypa aýdymçy ajaýyp aýdymlary bilen ýaşlary Watançylyk ruhunda terbiýelemäge we ruhy-ahlak gymmatlyklaryna mynasyp bolup ýetişmekleri ugrunda netijeli işleri alyp bardy. Onuň kalbyndaky Watan söýgüsinden joşgun alýan ylhamy, göwünlere ganat berýän owazy ýüreklere mähir, söýgi bagyşlaýar.

Her bir sungat ussadynyň Watan gymmatlyklaryny, ata-babalarymyzdan gelýän ahlak ýörelgelerini wagyz edýän şahsyýet bolýandygyny taryh aýan edip gelýär. Medeniýet Şahberdiýewanyň döredijiligine ser salanyňda, onuň bu ugurda nusgalyk şahsyýetdigine göz ýetirmek bolýar. Şu ýerde ussat halypanyň ýerine ýetiren kompozitor A.Alýabýewiň «Soloweýini» («Bilbil» aýdymy) hem-de kompozitor Nury Halmämmedowyň «Aşgabat» atly aýdymyny ýatlap geçmek isleýäris.

Medeniýet Şahberdiýewa «Soloweý» aýdymy bilen dünýä çykdy. Doganlyk halklaryň belent sesli sungat ussatlarynyň onlarçasy bu aýdymy ýerine ýetirdi, ýöne şol ussatlaryň arasynda Medeniýet Şahberdiýewanyň has-da ýokary derejede tapawutlanýandygy aýratyn bellenilýär. Ol bu aýdymy ýerine ýetirende ýaýlyp ýatan türkmen sährasy, Hak nazary siňen keremli topragymyzyň erem baglyklarynda saýrap oturan bilbil göz öňüňde janlanýar. Aýdymçynyň Watana bolan söýgüden doly kalbyndan joşup çykýan ses belentligi, türkmen ruhy bilen tebigat gözelliginiň waspyny ýetirýär.

Ussat halypanyň «Aşgabat» aýdymy hem şolar ýaly derejedäki akgynlydan kalplara joşgun berýän ajaýyp aýdymlaryň biridir. Bu aýdymyň üsti bilen halypa diňleýjilerine ýurdumyzyň ýüregi Aşgabadyň gözelliginiň ajaýyplygyny wagyz edýär. Özi-de onuň ussatlygy – haýsy ýurtda çykyş etse, bu aýdymy doganlyk halklaryň dillerinde ýerine ýetirenligidir. Ony diňlän diňleýji hyýalynda paýtagtymyzyň al-elwan güller bilen örtülen tämiz köçelerine seýran edip, gözelliklerini göz öňüne getirýär.

Men Medeniýet Şahberdiýewa bilen görşüp, söhbetdeş bolmak bagtyna eýe bolandygym üçin onuň belent sungaty bilen bir hatarda, adamkärçilik häsiýetleri hakynda hem okyjylara ýetiresim geldi. Ussat halypada beýiklere mahsus sadalyk, kiçigöwünlilik, enelere mahsus mähremlik, şol bir wagtyň özünde-de ynsanperwerlige ýugrulan sahylyk bardy. Ol şu häsiýetleri bilen zähmet çeken bilim ojagy – Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynda tälim beren talyplaryna görelde görkezýärdi. Ussat mugallymyň şägirtlerinden ýatlap geçsek, Atageldi Garýagdyýew, Roza Töräýewa, Kerimguly Gorowow, Atajan Berdiýew, Gözel Öwezowa, Sumbar Kalendarowa, Aýna Seýitgulyýewa, Žanna Saýýan, Bilbil Annaorazowa ýaly şägirtleriniň hemmeside häzir uly at-abraýa eýe bolan sungat ussatlary bolup ýetişdiler. Ony ýakyndan tanadygyňça ýüreginiň edil çaganyňky ýaly päkdigini, ýagşylyk üçin ýaradylan beýik ynsandygyny duýmak bolýardy. Ol Watanyň, halkyň öňünde halal we päk zähmetiň bilen ýalkanmalydygynyň beýik nusgasydy. Bir gezek ol maňa: «Sungat adamsynyň gijesi-gündizi bolmaýar, ol hemişe zähmet çekmeli, kämillige ýetmegiň ýoly daş, ýöne ol ýola ýetmek üçin irmän-arman yhlas etmeli. Watanyňy, ýurduňy, il-günüňi jandan söýmeli. Beýik sungat eserleri söýgüden döreýär» diýipdi.

Halypanyň diňe şu sözleriniň özi-de biz – ýaşlar üçin watansöýüjilik sapagydyr. Medeniýet Şahberdiýewanyň döredijilik ýoly hiç haçan ähmiýetini ýitirmejek özboluşly kitaba çalym edýär. Ol kitaba içgin aralaşdygyňça, buýsanjyň artyp, alnyňda täze bir dünýä açylýar. Ol şägirtlerine halypa, talyplaryna mugallym, il-gününe ynsanperwer şahsyýetdir. Onuň halkyň, Watanyň abraýy üçin bitiren taýsyz hyzmatlary nesiller üçin nusgalyk mekdepdir. Çünki Watan gözelliklerini kalbynda jemlän ussat halypa watansöýüji şahsyýet hökmünde dost-doganlyk halklaryň aňyna ebedi ýol salypdy.

Her bir adam Medeniýet Şahberdiýewanyň N. Halmämmedow ýaly seýrek zehinli halypalar tarapyndan döredilen aýdymlaryny, Gündogaryň beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň terbiýeçilik ähmiýetli goşgularyny aýdymlarynyň üsti bilen ýaşlaryň aňyna ýetirişinde, «Aşyr aganyň hötjetligi», «Japbaklar», «Şasenem we Garyp», «Meniň dostum Meleguş» filmlerinde ýerine ýetiren aýdymlarynda, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Milli sazly drama teatrynda D. Öwezow we A. Şapoşnikowyň «Aýna» operasynda Bilbiliň hem-de «Şasenem-Garyp» operasynda Şasenemiň keşplerinde, D. Öwezow we Ý. Meýtusyň «Leýli-Mejnun» operasynda Leýliniň keşbinde döreden keşpleri bilen mukaddes Watana bolan çäksiz söýgüsini we ýokary ruhy ahlagyny duýup biler.

Türkmen aýdym-saz sungatynyň ussat halypasy Medeniýet Şahberdiýewanyň milli hem-de dünýä medeniýetinde yz goýan sungat ýoly bakydyr we müdimidir.

***Watan söýgüsini kalbyna guýup,***
***Durmuş gözelligni wasp eden ussat.***
***Siziň aýdym-sazda ýaşan ömrüňiz,***
***Göýä aýdym hakda ajaýyp dessan.***

**Seýitmuhammet SEÝITMUHAMMEDOW,**
*Murgap etrabynyň Deňizhan şäherçe kitaphanasynyň II derejeli kitaphanaçysy, TMÝG-niň işjeň agzasy.*

## DÜNÝÄ HABARLARY
### gysga setirlerde



**Kerri Hytaýa sapar etdi.** ABŞ-nyň Prezidentiniň howa meselesi boýunça ýörite wekili Jon Kerri 16-19-njy iýul aralygynda Hytaýa sapar etdi. Hytaýyň ekologiýa we daşky gurşaw ministrliginde aýtmaklaryna görä, taraplar howanyň üýtgemegine garşy göreş maksady bilen bilelikde işlemek barada çynlakaý pikir alyşdylar.



**Tunise ýardam berer.** Tunis we Ýewropa Bileleşigi bikanun migrasiýa gönükdirilen «strategik hyzmatdaşlyk» şertnamasyna gol çekdi. Munuň üçin Brýussel Tunise 100 million ýewro ýardam berer. Tunis müňlerçe migrantyň başlangyç nokady bolup, olar Ortaýer deňzinden Ýewropa tarap ugraýar.



**Reňkini dessine üýtgedip bilýär.** BMW awtoulaglaryň bezegini üýtgedip biljek iki çözgüdi patentledi. Bular kabinadaky düwmeden buýruk esasynda gabaranyň reňkini üýtgedip biljek plýonkalardan ybarat. Çözgüdi tutuş gabara üçinem, onuň aýratyn elementleri üçinem ýa-da salon babatynda-da ulanyp bolýar.



**Metan hereketlendirijili raketa.** Hytaýyň «LandSpace» kompaniýasy dünýäniň ilkinji kislorod-metan hereketlendirijili raketasyny orbita çykardy. Bu barada kompaniýanyň metbugat gullugy habar berdi. Raketanyň uçurylyşy Hytaýyň demirgazyk-günbataryndaky Gobi çölündäki Szýusýuan kosmodromyndan amala aşyryldy.



**Malaýziýada edarasyny açdy.** Ilon Maskyň «Tesla» elektroulag kompaniýasy 20-nji iýulda Malaýziýada ilkinji wekilhanasyny açdy. «Tesla» bu ýerde hyzmat merkezlerini açar we elektroulaglary üçin çalt zarýad beriş stansiýalarynyň ulgamyny gurar.



**Ädimläp ýöreýän awtoulag.** «Hyundai» ädimläp ýöreýän awtoulagyny patentledi. «Hyundai UM» awtoulagynyň dört sany hereket edýän daýanç-öwrülme «aýaklary» bar. Olar ýolda dürli päsgelçiliklerden ýa-da uly çukurlardan geçmäge mümkinçilik berýär. Şeýle ulaglary, esasan hem, gözleg-halas ediş işlerinde ulanmak teklip edilýär.



**Syýahatçylyk salgydyny girizer.** Baliniň häkimiýetleri indiki ýyldan başlap daşary ýurtlulardan syýahatçylyk salgydyny alyp başlar. Bu serişdeler döwlet gaznasyny doldurmak we adanyň medeni mirasyny goramak maksady bilen ulanylar. 10 dollarlyk salgyt ada gelmezden öň elektron usulda kabul ediler.



**Iň gowy jahankeşdelik ugry.** Dubaý şäheriniň (BAE) dünýäde 2023-nji ýylyň birinji ýarymynda jahankeşdelik ugurlarynyň arasynda ilkinji orny eýeländigi belli boldy. Dubaý geçen ýarym ýylda 8,5 million jahankeşdäni kabul edipdir. Bu barada ýurduň habar beriş serişdeleri habar berýärler.



**Çägeden ýasalan heýkelleriň sergisi.** Eýranyň Babolser şäherinde çägeden ýasalan heýkelleriň sergisi açyldy. Ägirt uly heýkel toplumlaryny ýurduň dürli künjeklerinden gelen ussatlaryň 16-sy ýasady. Heýkellerde maşgala gymmatlyklary, daşky gurşaw we ýurduň milli aýratynlyklary beýan edilipdir.



**Adam aňyndan ozdurar.** Amerikan milliarderi Ilon Mask geljek bäş-alty ýylda sanly aňrybaş aňyň dörediljekdigini çaklaýar. Işewür onuň mümkinçilikleriniň görlüp-eşidilmedik derejede boljakdygyny aýdýar. Milliarderiň pikiriçe, sanly ösen aň adamdan islendik ugurda paýhasly bolar.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1969-njy ýylyň 21-nji iýulynda adam ilkinji gezek Aýyň üstüne gondy. Ol amerikan kosmos gämisi «Apollon 11»-iň serkerdesi Nil Armstrongdyr. Ol ilki Aýa gadam basanda «Bu adam üçin kiçijik ädim, adamzat üçin uly özgerişdir» diýen sözleri bilen tanalýar. Gäminiň ekipažy üç astronawtdan ybaratdy.**



# BRIKS-e gyzyklanma artýar

Häzirki wagtda Ýakyn Gündogar ýurtlaryndaky köp sanly halkara guramalarynyň we global maliýe ulgamlarynyň arasynda çalt depginler bilen ösýän BRIKS-e gyzyklanma has-da artýar. BRIKS – Braziliýa, Russiýa, Hindistan, Hytaý, Günorta Afrika ýurtlarynyň döwletara bileleşigi bolup, toparyň agzalarynyň arasynda ykdysady we medeni hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen 2006-njy ýylyň iýun aýynda Sankt-Peterburg ykdysady forumynyň çäginde döredildi.

Häzirki döwürde BRIKS ýurtlary dünýä ilatynyň 40%-ini, dünýä ykdysadyýetiniň 25%-ini emele getirýär. Ýene-de 19 ýurt BRIKS-e goşulmaga gyzyklanma bildirýär. BRIKS-e goşulmak üçin dalaş edýänleriň arasynda Alžir, Müsür, Eýran, Bahreýn, Saud Arabystany we Birleşen Arap Emirlikleri bar. BRIKS, esasan, global maliýe ulgamyny döretmek islegi bilen tapawutlanýar. Şeýle hem Müsüriň we BAE-niň BRIKS-iň Täze Ösüş Bankyna (NDB) agza bolmagy topara bolan gyzyklanmany ýene-de artdyrýar. Ýakyn Gündogar ýurtlary bilen BRIKS ýurtlarynyň arasynda söwda gatnaşyklarynyň geriminiň giňelmegi, köp polýarlyk baradaky gepleşikleriň esasynda, olaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ösmegine getirýär.

Soňky ýyllarda olaryň arasynda söwdanyň artmagy netijesinde, Saud Arabystany BRIKS ýurtlarynyň Ýakyn Gündogardaky iň möhüm hyzmatdaşlaryndan birine öwrüldi. Saud Arabystanynyň BRIKS ýurtlary bilen umumy ikitaraplaýyn söwdasy 2017-nji ýylda 81 milliard dollardan 2022-nji ýylda 160 milliard dollara çenli ýokarlandy. BRIKS-e ymtylýan Eýran bilen Saud Arabystanynyň, Hytaýyň araçylygy arkaly ýedi ýyllyk arakesmeden soň diplomatik gatnaşyklaryny dikeldendigi bellärliklidir. BRIKS-e




goşulmak, Alžiriň Prezidenti Abdelmajid Tebbunyň geçen aýda Russiýa eden ilkinji saparynda ileri tutulýan ugurlaryndan biri boldy.

BRIKS-iň döwlet Baştutanlarynyň sammiti 22-24-nji awgustda Günorta Afrika Respublikasynyň Ýohannesburg şäherinde geçiriler. Forumyň gün tertibi arkalaşygy has-da giňeltmäge gönükdirilendir. Iýun aýynyň başynda Keýptaun şäherinde BRIKS-iň daşary işler ministrleriniň maslahaty geçirildi. Duşuşyga gatnaşyjylar köp taraplylyk, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň reformasy hemde BRIKS ýurtlary üçin ýeke-täk puluň döredilmegi ýaly temalary ara alyp maslahatlaşdylar.

# HYZMATDAŞLYGY pugtalandyrmaga goşant goşýar

Gazagystan sebitiň ykdysady, ulag, logistika, söwda we tehnologiýa mümkinçiliklerini açmaga gönükdirilen dürli başlangyçlar arkaly Merkezi Aziýada hyzmatdaşlygy berkitmäge goşant goşýar. Bu barada Premýer-ministriň orunbasary, Gazagystanyň daşary işler ministri Murat Nurtleu mälim etdi.

– Sebitdäki durnuklylyk, abadançylyk we howpsuzlyk diňe bilelikdäki tagallalar arkaly gazanylyp bilner – diýip, M. Nurtleu «Özgerýän dünýäde Aziýa: geljegiň gün tertibi» atly mowzukda geçirilen howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça Merkezi Aziýa forumynda aýtdy. Ol «Merkezi Aziýany Aziýanyň aýrylmaz we möhüm bölegi» diýip, belledi.

– Merkezi Aziýa 77 million ilatly we jemi içerki önümi, takmynan, 350 milliard dollara deň bolan depginli ösýän sebitdir. XXI asyrda Merkezi Aziýanyň ösüşi üçin dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk we hyzmatdaşlyk şertnamasy güýje girer we tutuş sebitiň gülläp ösmegi üçin öz miwesini berer – diýip, Gazagystanyň daşary işler ministri belledi.

Gazagystan Merkezi Aziýany Ýewraziýanyň ulag we logistika merkezine öwürmäge tagalla edýär. Ýurt ähli transkontinental ulag geçelgeleriniň işjeň goldawçysy bolup, Hytaýyň «Bir guşak – bir ýol» başlangyjynyň mümkinçiliklerinden doly peýdalanmagy niýet edinýär.

– Gazagystan we onuň CICA boýunça hyzmatdaşlary umumy Ýewraziýa howpsuzlyk ulgamyny döretmek ideýasyny yzygiderli öňe sürýärler – diýip, Nurtleu belledi. Şeýle hem ol Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sebitdäki durnuklylygy üpjün etmekdäki möhüm goşandyny nygtady.




– Şu ýyl Gazagystan ŞHG-niň başlyklygyny öz üstüne aldy. Bu ugurda ykdysady we söwda gatnaşyklaryny berkitmäge, energiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge we daşky gurşawy goramaga, sanly mümkinçilikleri we ynsanperwer gatnaşyklary giňeltmäge üns bereris – diýip, Gazagystanyň daşary işler ministri belledi.

# Ýene-de ÝUNESKO-nyň agzasy boldy

**ABŞ-nyň ÝUNESKO-nyň düzümine gaýdyp gelmek tertibi tamamlandy, Birleşen Ştatlar ýene-de guramanyň agza döwleti boldy. Bu barada ÝUNESKO-nyň metbugat gullugy tarapyndan ýaýradylan habarda aýdylýar.**

**– ABŞ-nyň ÝUNESKO gaýdyp gelmegi boýunça işler tamamlandy: Birleşen Ştatlar biziň guramamyzyň ýene-de resmi taýdan agza döwleti boldy – diýip, ÝUNESKO-nyň baş müdiri Odre Azule belledi. – Şeýlelikde, ÝUNESKO ýene-de köptaraplylyga tarap hereket edýär – diýip, Azule sözüniň üstüne goşdy.**



**Guramanyň metbugat gullugynyň beýanatynda 9-njy iýulda Odre Azuleniň amerikan tarapy bilen telefon arkaly gürrüňdeşlik geçirendigi we onuň dowamynda Waşingtonda ÝUNESKO-nyň düzgünnamasyny kabul etmek barada resminama gol çekilendiginiň habar berlendigi aýdylýar.**

**30-njy iýunda ÝUNESKO-nyň Baş konferensiýasynyň nobatdan daşary mejlisine gatnaşyjylar teklip edilen bergini Waşington tarapyndan az-azdan üzmek şertinde ABŞ-nyň guramanyň düzümine gaýdyp gelmegi baradaky kararnamany tassykladylar.**

# Mikroçiplere garaşlylygyny azaltmakçy

Ýewropa Bileleşigi mikroshemalary işläp düzmäge we olary öndürmäge goýberilýän maýa goýumlaryny has-da artdyrýar. Ýöne indi olara Hytaýdan zerur bolan esasy çig mallary satyn almak has-da kynlaşýar. XXI asyrda mikroçipler ykdysady abadançylygyň nyşany hökmünde nebitiň ornuny tutdy. Bular jübi telefonlarynyň, tozan sorujylaryň, Gün panelleriniň, elektroulaglaryň iň möhüm böleklerine öwrüldi. Emma Ýewropa Bileleşiginde ýarymgeçirijiler henizem az öndürilýär. Şonuň üçin Ýewropada Çip baradaky kanun işlenip düzüldi. Kanunda dünýä önümçiliginiň 20%-ini emele getirjek çipleriň önümçiligini 2030-njy ýyla çenli dört esse artdyrmak göz öňünde tutulýar.

– Biz Gündogar Aziýanyň üpjün edijilerine garaşlylygymyzy azaltmalydyrys. Çip üpjünçilik zynjyrlarymyzdaky töwekgelçilikli ýagdaýlary işjeň ýagdaýda aradan aýyrmak zerurdyr. Biz Ýewropada çipleriň dizaýnyny, synagyny we önümçiligini ösdürmeli. Şeýlelikde, Çipler baradaky kanun emele gelen ýagdaýy büs-bütin özgerder – diýip, Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen aýtdy.



Ýewropa Komissiýasy bu taslama 43 milliard ýewro döwlet we hususy maýa goýumlaryny çekmegi maksat edinýär. Bu mukdardan 1 milliardy Belgiýanyň Lýowen şäherindäki barlag merkezine bölünip berler. Çünki ol ýerde dürli ýurtlardan ýüz töweregi elektronika boýunça hünärmen işleýär. Birnäçe ýyldan oňa ýanaşyk önümçilik desgalary diňe bir Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň isleglerini kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, dünýä bazaryndaky bäsdeşlerine hem gysyş görkezip başlar.

– Çip baradaky kanun, şübhesiz, garaşylýan netijäni berer. Emma islegden artykmaç üpjünçilik döredip, bahalaryň arzanlamagyna sebäp bolup biler. Şonda salgyt töleýjiler tarapyndan goldanylýan kompaniýalaryň köp zyýan çekmegi mümkin. Häzirki wagtda Ýewropa Bileleşiginde Taýwana, Hytaýa az garaşly bolmak, möhüm hasaplanýar – diýip, Marşal gaznasynyň (ABŞ) bilermeni Ýakob Kirgegor aýtdy.

Bu aralykda, Pekin mikroçip öndürmek üçin niýetlenen iki sany esasy metalyň – galliniň we germaniniň eksportyny çäklendirmegi maksat edinýär.

Indi Çip baradaky kanun Strasburgdaky Ýewropa deputatlaryna hödürlener we makullanan halatynda güýzde güýje girer.

# 45 milliard ýewro maýa goýmakçy

**Latyn Amerikasy 45 milliard ýewro maýa goýumyna eýe bolar. Bu barada Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen, Brýusselde guralan işewür toparlaryň wekilleriniň maslahatynda we Ýewropa Bileleşigi – Latyn Amerikasy sammitiniň öňüsyrasynda mälim etdi. Ýewropa Bileleşigi öz**



**sermaýasyny «ýaşyl» energiýa ýaly anyk pudaklara gönükdirmegi maksat edinýär. Bu, Hytaýyň sebitdäki täsirine deňagramlylyk döretmek üçin niýetlenendir. Şeýle-de bu ýagdaý Ýewropanyň çig mallara zerurlygy bilen düşündirilýär. Günorta Amerikada bolsa, beýleki seýrek çig mallardan başga-da dünýäniň litiý ätiýaçlyklarynyň 85%-i bar.**

**Braziliýa MERCOSUR bileleşiginiň agzasydyr. Prezident Luis Inasiu Lula da Silwa öz ýurdunyň Ýewropa Bileleşigi bilen söwda şertnamasyny tassyklamak boýunça resminamanyň üstünde işlemäge taýýardygyny belledi. Şeýle hem, Ýewropa Bileleşiginiň Amazondaky tokaýlaryň çapylmagyny togtatmak maksady bilen ekologiýa ölçegleri bolan goşmaça resminama taýýarlamak baradaky sowallaryna jogap berdi. Luis Inasiu Lula da Silwa mundan ýerli ilatyň zyýan çekjekdigini belledi.**

**– Braziliýanyň howa meselesini çözmäge goşant goşjakdygyny hemmeler bilýär. Biz 2030-njy ýyla çenli Amazonda tokaýlaryň ýok edilmegini bes etmek barada borçnamany öz üstümize aldyk. Emma häzirki ýagdaýda Ýewropa Komissiýasyny Amazondaky 50 million ilatyň abadan durmuşda ýaşamagy üçin oňaýly şertlere zerurlygynyň bardygyna düşünmäge çagyrýarys – diýip, Lula da Silwa belledi.**

**Latyn Amerikasy bilen söwda we ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen Ýewropa Bileleşigi, ekologiýa maksatlaryndan başga-da, öz oba hojalygynyň bähbitlerini göz öňünde tutýar. Fransiýa we Awstriýa ýaly ýurtlar bolsa, öz bazarlarynyň diňe ýokary hilli latynamerikan önümleri bilen doldurylmagyny isleýärler.**

# «Çandraýan-3» missiýasyny Aýa uçurdy

**14-nji iýulda Hindistan robot barlag geçirijisini Aýyň günorta polýusyna alyp gitmäge niýetlenen «Çandraýan-3» raketasyny üstünlikli uçurdy. «Satiş Dhawan» adyndaky kosmos merkezi tarapyndan ýakyndan gözegçilik edilýän bu missiýa 14 gün dowam edip, oňa takmynan, 75 million dollar sarp ediler.**

**Enjam Aýa golaý orbita girmeli. Soňra bolsa, Aýyň üstüne emaý bilen gonar. Bu wakanyň 23-24-nji awgustda bolmagyna garaşylýar. Mundan başga-da, gözleg enjamlary bilen abzallaşdyrylan lunohod Ýeriň tebigy hemrasynyň ýüzünde himiki barlag işlerini geçirer.**

**Eger-de ähli zat ugruna bolsa, Hindistan Aýa gonan dört ýurduň birine öwrüler (Russiýa, ABŞ we Hytaýdan soň). Bu hindi kosmonawtlary üçin eýýäm üçünji missiýadyr.**



**2019-njy ýylda edilen öňki synanyşyk şowly bolmandy. Raketa Aýyň ýüzüne gonmazdan öň, Ýer bilen aragatnaşygyny ýitiripdi.**

# «AMAZON» ÖŇDE BARÝAR

«Amazon» geçen ýyl bahasynyň 14,6%, ýagny 299,3 milliard dollara çenli pese gaçandygyna garamazdan, iň gymmat tehnologiýa brendleriniň sanawynda birinji ornuny eýeleýär. Bu barada «Brand Finance konsalting» kompaniýasynyň ýyllyk hasabatynda aýdylýar.




Geçen ýylky sanawda birinji orny eýelän «Apple» brendi ikinji orna düşdi. Onuň bahasy bir ýylda 16,2%, ýagny, 297,5 milliard dollara çenli pese gaçdy. Üçünji orny «Google» brendi eýeleýär (281,4 milliard dollar).

Hytaýyň «Huawei» kompaniýasyna ýarym geçirijі komponentleriň ýetmezçiligi we dünýäde smartfonlara bolan islegiň pese gaçmagy bilen baglanyşykly kynçylyklara garamazdan, iň gymmat tehnologiýa brendleriniň onlugynda galmak başartdy. Bu kynçylyklar sarp ediş gurluşlarynda «Huawei»-iň amallaryna düýpli täsir etdi, ýöne kompaniýanyň işiniň korporatiw segmenti we aragatnaşyk enjamlaryny çykarmak ýaly ugurlary gowy netijeleri görkezdi. Geçen ýyl «Huawei» brendiniň bahasy 38% pese gaçyp, 44,3 milliard dollar boldy.

Şu ýyl iň çalt ösýän tehnologiýa brendi Ýaponiýanyň IT kompaniýasy NTT DATA boldy (+55%, 8,9 milliard dollar). Ösüş depgini boýunça ikinji orny «LinkedIn» sosial ulgamy eýeledi – brendiň bahasy 49% ýokarlanyp, 15,5 milliard dollara deň boldy.

# Nebitiň we gazyň importyny artdyrdy

**Hytaýyň Baş gümrük müdirliginiň maglumatlaryna laýyklykda, ýurt 2023-nji ýylyň birinji ýarymynda nebitiň we tebigy gazyň importyny artdyrdy. Tebigy gazyň importynyň möçberi 5,8%, nebitiň importy 11,7% artdy diýip, «Praým» agentligi habar berýär.**



**Hasabat döwründe Hytaý 282,07 million tonna nebit import etdi. Daşary ýurtdan satyn alnan çig nebitiň umumy bahasy 163,356 milliard dollara deň boldy. Bu 2022-nji ýylyň degişli döwründäkiden 10,9% azdyr. Iýun aýynda Hytaý 28,185 milliard dollara 52,062 million tonna nebit satyn aldy.**

**Tebigy gazyň importynyň möçberi 2023-nji ýylyň ýanwar-iýun aýlarynda 56,629 million tonna deň boldy. Umumy bahasy 32,024 milliard dollar (ösüş 1%). Iýun aýynda Hytaý 5,042 milliard dollara 10,389 million tonna tebigy gaz satyn aldy.**

**2023-nji ýylyň ýanwar-iýun aýlarynda kömrüň importy 221,93 million tonna deň boldy, ösüş 93%. Satyn alnan kömrüň umumy bahasy 27,672 milliard dollara deň boldy (ösüş 49,2%). Iýun aýynda Hytaý 4,489 milliard dollara 39,871 million tonna kömür satyn aldy.**

# Fransuz ýazyjysy aradan çykdy

12-nji iýulda asly çehiýaly fransuz ýazyjysy Milan



Kundera 94 ýaşynyň içinde aradan çykdy. «Barlygyň çydap bolmajak ýeňilligi» atly romany bilen giňden tanalýan ýazyjy soňky ýyllarda Parižde ýaşady we işledi.

«Ol Çehiýanyň daşary ýurtlardaky iň meşhur wekilidi. Milan Kundera edebiýat boýunça Nobel baýragyna dalaşgär hökmünde ençeme gezek bellige alyndy» diýip, Çehiýanyň CT24 habarlar teleýaýlymy habar berdi. Onuň eserleri giň okyjylar köpçüliginiň dykgatyna ýetirilip, onlarça dile terjime edildi.

Kunderanyň çeh dilinde ýazan iň soňky kitabynyň ady «Bakylyk» bolupdy, şondan soň ol fransuz dilinde ýazyp ugrady. Milan Kundera 1929-njy ýylyň 1-nji aprelinde Çehiýanyň Brno şäherinde dünýä indi. Ilkinji kitaby 1953-nji ýylda neşir edildi.

# DÜNÝÄNIŇ REŇKLI MYHMANHANALARY

**Myhmanhanalar irki döwürlerden gözbaş alýan, özünde birnäçe amatly şertleri bolan otag ýa-da öý bolup, syýahatçylaryň döwrebap dynç almagyny üpjün edýär. Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabynyň maglumatlaryna görä, 705-nji ýylda Ýaponiýada döredilen Nisiýama Onsen Keýunkan ilkinji resmi myhmanhana hasaplanýar. Soňky ýyllarda dünýäniň dürli künjeginde binagärlik gurluşy, owadanlygy, hödürleýän hyzmatlary we şertleri bilen biri-birinden tapawutlanýan myhmanhanalaryň müňlerçesi guruldy. Gazetimiziň şu sanynda bezeg aýratynlygy, esasan hem, reňkli gurluşy bilen tapawutlanýan dünýädäki iň meşhur 5 myhmanhana bilen tanyşdyrýarys.**



**«Bela Vista», Portugaliýa.** Portiman kenarýaka şäherinde ýerleşýän bu 5 ýyldyzly myhmanhana özüniň reňklerini Portugaliýanyň tebigy gözelliklerinden alýar. Algarwi sebitinde gurlan goňrumtyl-altynsow reňkli myhmanhananyň içki bezeginde, esasan, gök reňk ulanylypdyr. Gök reňkdäki bezegler myhmanhanany Atlantik ummanynyň ajaýyp görnüşi bilen birleşdirýär. «Praia da Rocha» kenarýaka dynç alyş merkeziniň ýanynda ýerleşýän bu myhmanhanada reňkli dynç alyş otaglary bilen bir hatarda, dynç alyş howzy, açyk aşhana, palmaly meýdança bar. Portugaliýanyň günortasyndaky kenarýakada ýerleşýän bu bina XIX asyrda gurlan maşgala öýi bolup, 1934-nji ýylda myhmanhana öwrülýär.



**«Rosas & Xocolate Boutique», Meksika.** Myhmanhananyň flamingo reňkli binasy romantik gözelligi emele getirýär. Merida şäherindäki kakao bagçylyk meýdanynda ýerleşýän gülgüne myhmanhanada 17 sany otag, dynç alyş howzy we açyk howuz bar. Myhmanhananyň howlusyna ýagtylygyň düşmegi bilen gülgüne diwarlar suwda şöhlelenip, ajaýyp görnüşi emele getirýär.



**«JW Marriott», Wýetnam.** «Älemgoşar» şypahanasy diýlip atlandyrylýan bu myhmanhananyň her binasy başga bir reňkden ylham alýar. Tailand aýlagynyň «Phu Quoc» sebitinde ýerleşýän «JW Marriott» myhmanhanasy syýahatçylyk pudagynda «Wýetnamyň merjeni» ady bilen tanalýar. Tropik tokaýyň içinde, gök ummanyň kenarynda oturan bu myhmanhana owadan reňkli kiçijik şähere meňzeýär.



**«Colony», ABŞ.** Floridanyň palma tokaýlaryny we güneşli tebigatyny synlamaga mümkinçilik berýän «Colony» myhmanhanasy Palm Biç kenarýaka şäherçesiniň meşhur nyşanlarynyň biridir. Sebitde «reňkli şaý-sepler» ady bilen tanalýan bu myhmanhana iňlis binagärlik nusgalaryndan ylham alnyp gurlupdyr. Myhmanhananyň daşky görnüşi açyk gülgüne reňkde bolup, içki otaglar dürli reňkdäki gülli öý goşlary bilen bezelipdir. Açyk eýwanlary, birnäçe dynç alyş howzy bolan «Colony» myhmanhanasy geçmiş bilen geljegi birleşdirýän ajaýyp reňk sazlaşygyny emele getirýär. Myhmanhana degişli restoran syýahatçylara iň gowy gastronomiýa nusgalaryny hödürleýär.



**Gritti köşgi, Italiýa.** Wenesiýanyň Uly kanalynyň kenarynda ýerleşýän, XVI asyrda gurlan köşk myhmanhanasy özboluşly reňk sazlaşygy bilen töweregine owadanlyk berýär. Daşy şokolad reňk bilen bezelen myhmanhananyň içki bezeginde goýy gyzyl, gök we naryç reňkler ulanylypdyr. Myhmanhanada taryhy pursatlary suratlandyrýan kartinaly burçlar bolup, dälizler kürsüler bilen bezelipdir. Myhmanlar otaglaryň aralaryndaky kürsülerde oturyp, kitap okap ýa-da çaýdyr kofe içip, dynç alyp bilýärler. Myhmanhananyň howlusynda açyk restoran hem bar. Bulardan başga-da, myhmanlar owadan reňkli eýwanlara çykyp, kanaldan geçýän gämileri synlap bilýärler.

# Smorodinanyň saglyga peýdasy

**Orta gyrymsy agaçlaryň biri bolan smorodina gülli ösümlikleriň ribesler görnüşine degişlidir. Adatça ýyssy howany halaýan bu ösümlik demirgazyk ýarym şarda hem ösdürilip ýetişdirilýär. Smorodinanyň miwesiniň 4 dürli – gara, ak, gyzyl we gülgüne görnüşi bar. Ýokumly miweleriň biri bolan smorodina C, E, magniý, fosfor we kaliý ýaly witaminlere we minerallara baýdyr. Smorodinanyň saglyga peýdasy uludyr.**

**Immuniteti ýokarlandyrýar.** Smorodina antioksidanta baý miweleriň biri bolup, immuniteti güýçlendirýär. Wiruslara we ýokançlyklara garşy göreşmäge ýardam edýär. Şeýle hem hroniki keselleriň öňüni almakda peýdalydyr.

**Deri üçin peýdaly.** Smorodinadaky C witamini deri üçin peýdaly bolup, E witamini bilen bilelikde deriniň zeperlenmeginiň öňüni alýar. Şeýle hem derdäki ýaralary bejermäge we yzlary aýyrmaga ýardam edýär. C witamini kollageni güýçlendirýändigi sebäpli deriniň garramagynyň hem öňüni alýar. 100 gram smorodinada 181 milligram C witamini bar.

**Beýniniň işjeňligini gowulandyrýar.** Smorodina bedeni nerw-damar geçirijiligi üçin zerur bolan magneziýa bilen üpjün edýär. Bu bolsa alada etmegiň, migreniň we insultyň öňüni alýar.



**Ýürek-damar üçin peýdaly.** Smorodina gan basyşyny peseltmäge kömek edýän kaliý we gamma-linolen turşusyny özünde saklaýar. Gan basyşy bilen bagly howplaryň öňüni almak bilen bir hatarda, gan damarlarynda trombositleriň ýygnanmagyny haýalladýar. Şeýlelikde, gan aýlanyşyny we gan basyşyny kadaly derejede saklamak bilen ýürek-damar ulgamyny goraýar.

Bulardan başga-da, smorodina çiş keselleri bilen bagly töwekgelçilikleri azaltmaga ýardam edýär. Bu miwe öýken üçin hem peýdaly bolup, demgysmadan ejir çekýänlere smorodina iýmek maslahat berilýär. Smorodina ýadawlygy aýyrmakda, şeýle-de gözüň görşüni gowulandyrmakda hem peýdalydyr.

# Özüňizi ýadaw duýýaňyzmy?!

**Akyl ýa-da beden taýdan kadaly ýagdaýda zähmet çekýändigiňize garamazdan, köplenç özüňizi ýadaw duýýaňyzmy?! Ýadawlyk zähmet çekmek bilen bagly bolman, durmuş ýörelgeleriniň talabalaýyk berjaý edilmeginde goýberilýän käbir sebäpler bilen baglydyr. Adatça, ýadawlygyň esasy sebäbi az uklamak bilen düşündirilýär. Ýöne dowamly ýadawlygyň başga-da sebäpleri bar. Ine, olaryň käbiri:**

**Sport bilen meşgullanmaýan bolsaňyz.** Ýadawlykdan dynmagyň iň amatly usuly sport bilen meşgullanmakdyr. Eger-de sport bilen meşgullanmaýan bolsaňyz, özüňizi dowamly ýadaw duýarsyňyz. Hepdede azyndan 3 gün 20 minutlyk maşk etmeli. Sebäbi sport bedeniň güýjüni we çydamlylygyny artdyryp, ýürek-damar ulgamynyň işini gowulandyrýar.

**Ýeterlik suw içmeseňiz.** Bedeniň kabul etdigiçe agyz suwuny içmeli. Suwsuzlyk ganyň goýalmagyna, myşsalara we beden agzalaryna barýan kislorodyň tizliginiň peselmegine getirýär.

**Demre baý önümleri iýmeýän bolsaňyz.** Demir ýetmezçiliginde adam özüni ejiz duýup, ünsi jemlemek ukyby peselýär. Bedene gerek bolan demir zerurlygyny guş etini, ýumurtga, ýaşyl ýaprakly gök önümler, nohut we hoz iýmek arkaly dolup bolýar.



**Ähli zada kembaha garaýan bolsaňyz.** Elmydama bolup biläýjek erbet ssenariýa hakda pikir etseňiz, içki tolgunyşyk zerarly aňyňyz ýadar. Şeýle zatlar barada pikir eden badyňyza, uludan dem alyň we munuň bolmajak zatdygyna özüňizi ynandyryň. Gowy zatlar hakda pikir etmek içki tolgunmalary ýeňip geçmegiň iň gowy ýoludyr.

**Ertirlik edinmeýän bolsaňyz.** Her günki energiýa ertirlik nahar edinmek bilen başlanýar. Irden turanyňyzda energiýany ertirlik edinmek arkaly täzelemeseňiz, uzakly gün ýadawlyk bilen başagaý bolup geçersiňiz. Ýumurtga, gatyk, däneli çörek ýaly beloga we ösümlik ýagyna baý önümler ertirlik nahary üçin iň gowy iýmitlerdir.

**Süýjülikleri artykmaç iýýän bolsaňyz.** Şeker hem-de düzüminde uglewodlar saklaýan iýmitler iýlende gandaky şeker çalt ýokarlanýar we çalt aşak düşüp, ýadawlyk duýgusyny döredýär. Şol sebäpli iýýän zadyňyzyň düzümine üns bermek zerurdyr.

**Uzakly gün kofe içseňiz.** Güni irden kofe bilen başlamagyň, hatda günüň dowamynda 3 gezek kofe içmegiň peýdalydygy bellenilýär. Şeýle-de bolsa, kofeni aşa köp içmek kadaly uka täsir edip, ýadawlyk alamatlaryny döredýär. Günortandan soň ertire çenli kofe içmekden saklanmak maslahat berilýär.

**«Ýok» diýip bilmeýän bolsaňyz.** Başgalaryň sözüni ýykmazlyk üçin bar güýjüňizi we wagtyňyzy sarp edýändigiňizi bilýärsiňizmi? Ýadawlygyň döremeginiň esasy sebäpleriniň biri köp zady başarmak üçin bar wagtyňyzy berip, wagtynda dynç almazlykdyr. «Bolýar» diýmek bilen baglanyşykly döreýän meseläňiz bar bolsa, «ýok» diýmegi öwreniň!

**Dynç alyş wagty hem işleýän bolsaňyz.** Öýde ýa-da dynç alyş merkezlerinde dynç alýan wagtyňyz hem iş ýörelgesini alyp barýan bolsaňyz, bu sizi has-da ýadadar. Tehnologik enjamlardan uzaklaşyp, maşgalaňyz ýa-da dostlaryňyz bilen dynç alşy guramak ertirki gün höwesli we döredijilikli işlemegi üpjün edýär.

## ÇAGALAR

✓ «Tort» sözi italýança «tortal» sözünden gelip çykyp, «tegelek çörek» diýen manyny berýär.

# Süýjülikleriň süýji baýramy



**Tomusky dynç alyş möwsüminde bellenilýän iň gowy baýramçylyklaryň biri hem Bütindünýä tort günüdir. Megerem, bu süýji iýmiti halamaýan ýok bolsa gerek. Esasan hem, körpejeleriň gowy görýän süýjülikleriniň biri bolan tort doglan günleriň, baýramçylyklaryň nyşany hasaplanýar. 20-nji iýulda halkara derejesinde bellenip geçilen Bütindünýä tort güni barada nämeler bilýäris?! Geliň, tort bilen baglanyşykly gyzykly maglumatlar bilen tanyş bolalyň!**

### GYSGAÇA TARYHY

Ilkinji tortuň haçan peýda bolandygy belli däl. Bu süýjüligiň taryhynyň 2 müň ýyldan gowrakdygy çaklanylýar. Üstüne owradylan däne sepilen çörekleriň suratlary Gresiýanyň we Gündogaryň käbir taryhy maglumatlarynda saklanyp galypdyr. Gadymy döwürlerde bal bilen hoz garylan çörekli süýjülik meşhur bolup, tortuň ilkinji nusgasy hasaplanýar. «Tort» sözi italýança «tortal» sözünden gelip çykyp, «tegelek çörek» diýen manyny berýär. Wagtyň geçmegi bilen bu süýji iýmit dürli ýurtlara ýaýrap, «tort», «cake» atlary bilen tanalyp başlaýar. Belli bir döwürlerde tort söýginiň, dostlugyň, agzybirligiň nyşany hökmünde peýdalanylypdyr. Ýagny tort kesmek ylalaşygyň, şowlulygyň gazanylandygyny görkezipdir.

2009-njy ýylda «Süýji düýş» ady bilen geçirilen aşpezlik sungatynyň şüweleňinde süýjülik tortlarynyň dürli görnüşleri hem köpçülige hödürlenýär. Gyzyklanmalaryň artmagy bilen 2011-nji ýylda tort güni eýýäm birnäçe ýurtda bellenip, Halkara dostluk torty döredilýär. Şondan soň tutuş dünýäde meşhur bolan bu baýramçylyk her ýyl «Men size tort bilen gelýärin» diýen şygar bilen geçirilip gelinýär. Bütindünýä tort gününde dünýäniň dürli ýurtlarynda taýýarlanan konditer önümleriniň täze görnüşleri hödürlenýär.

### GYZYKLY MAGLUMATLAR – HÄZIRKI WAGTA ÇENLI HASABA ALNAN REKORDLAR

- Gadymy döwürlerde tort häzirki bilşimiz ýaly süýji iýmit bolmandyr.
- Ilkibaşda tort iki bölek tegelek çöregiň arasyna baldyr mürepbe goýlup taýýarlanypdyr.
- Fransuzlarda ilkibaşda tort diýip etli gutaba aýdylypdyr.
- Doglan gün üçin ilkinji tort 1975-nji ýylda bişirilýär.
- Iň gymmat simwolik tort Tokio almaz sergisinde ýasalýar. Ol ýalpyldawuk şaý-sepler bilen bezelip, 230 töweregi göwher ulanylýar.
- Iň uzyn tort Peruda taýýarlanýar. Uzynlygy 246 metrden gowrak bolan tort üçin 500 kilogram şeker sarp edilýär.
- Iň kiçi tort şweýsariýaly konditerçi tarapyndan ýasalyp, barmagyň ujunda saklap bolýar.
- Iň agyr tort ABŞ-da taýýarlanyp, agramy 50 tonnadan gowrakdyr.
- Iň beýik tort hem ABŞ-da ýasalýar. 10 gatdan ybarat tortuň beýikligi 30 metre barabar.



# Deňiz suwy näme üçin duzly?

Deňiz suwy aşa duzly bolmagy bilen tapawutlanýar. Deňizdäki duz ýa-da ummanlaryň duzlulygy, esasan, gury ýerdäki mineral ionlaryň suwa goşulmagy netijesinde ýüze çykýar. Mineral ionlar howa göterilip, suw buglary bilen garyşýar. Ýagşyň ýagmagy bilen dag gaýalaryna siňýär. Bugarma netijesinde ýylda birnäçe gezek gaýtalanýan hadysa wagtyň geçmegi bilen dag gaýalarynda duz gatlaklaryny emele getirýär. Dagyň depesindäki buzluklaryň eremegi netijesinde duz gatlaklary ýuwlup, çeşmedir derýa arkaly deňiz suwuna goşulýar. Ýylyň-ýylyna gaýtalanyp duran bu hadysa deňiz suwunyň aşa şor bolmagyna getirýär. Nahar bişirmekde ulanylýan natriý hlorid (nahar duzy) deňiz suwundaky ionlaryň 90 göterimini emele getirýär. Deňiz suwunda ortaça 3,5 göterim duz saklanýar. Deňiz suwunyň şor bolmagynyň ýene bir sebäbi suwasty wulkanlar we deňziň düýbündäki gidrotermal şemallardyr. Duzuň köp bolmagy suwuň dykyzlygyny ýokarlandyrýar. Şol sebäpli adamlardyr suw ulaglary deňizde aňsatlyk bilen ýüzýär.

**Deňizde jandarlar nädip ýaşaýar?**

Deňziň şor suwunda janly-jandarlaryň nädip ýaşaýandygy hemmämiz üçin gyzykly bolsa gerek. Eýsem, olar suw içmeýärmi? Deňiz suwy zyýanly dälmi? Bilşimiz ýaly, deňizde janly-jandarlaryň müňlerçe görnüşi ýaşaýar. Deňiz jandarlarynyň köpüsi suw içmän, derisinde duz toplap, süýji suwy sorup alýar. Bu osmoz (bedenden artykmaç erginleriň süzülip geçmegi) we diffuziýa (maddalaryň öýjükden bölünip çykmagy) hadysasy arkaly ýüze çykýar. Bu hadysalar belli bir turşulykdaky suwda bolup geçýär. Eger-de deňiz suwy aşa duzly bolsa deňiz jandarlary ýaşap bilmez. Köp balyklar derisinde duz gatlagyny saklaýar. Bu haçanda bir deňizden beýleki deňze geçende turşulyk derejesini sazlamaga kömek edýär. Süýji suwda ýaşaýan balygy deňze goýbersek ýaşap bilmez. Sebäbi bu balyklaryň bedeninde duz gatlagy ýok. Deňiz guşlarydyr pyşbagalar hem bedeninden duz bölüp çykarýar. Pyşbagalar aglamak arkaly bedeninden artykmaç duzy aýyrýarlar. Deňiz guşlary artykmaç duzy burnundan bölüp çykarýar. Şeýle hem deňiz jandarlarynyň köpüsi duzy aýyrmaga kömek edýän böwreklere eýedir.



### TAPMAÇA

Ahmet tomusky dynç alyş möwsümini atalarynda geçirmek üçin oba bardy. Göräýmäge onuň üçin ähli zat geňdi hemem üýtgeşikdi. Birdenkä, Ahmediň gözleri howluda gezip ýören atdyr horazlara düşdi. Ahmet olaryň jemini bilmek üçin sanamaga başlady. Az salymdan ol 26 sany baş sanynyň we 82 sany aýagyň bardygyna göz ýetirdi. Howluda näçe sany at we näçe sany horaz bar?



Jogaby: 11 horaz, 15 at.




### Şekili reňkläň!



### Sanlary birleşdiriň!



### Labirint



### 7 tapawudy tapyň!



# Ýapynja

Günlerde bir gün Afinynyň bazarynda bir adam Sokratyň geçip barýandygyny görüp, oňa kemsidiji sözler aýdypdyr:

– Sen, binamysyň baryp ýatany. Şerap içmekden başga oňarýan zadyň ýok.

Sokrat oňa hiç hili gaýtargy bermän, diňe ýylgyryp oňaýypdyr. Bu hadysany bir baý adam synlap duran eken. Ol geň galyp durşuna, Sokratdan:




– Sen beýle kemsidilmelere nädip çydap bilýärsiň? Bu gürrüňler saňa täsir edenokmy? – diýip sorapdyr. Sokrat oňa-da ýylgyryp seredipdir-de:

– Meniň yzyma düş! – diýipdir. Şeýlelikde, ýaňky baý Sokratyň yzyna düşüp gidipdir. Olar bir salymdan köne ammaryň gapysyndan barypdyrlar. Sokrat kesewini otlap, içeri giripdir. Ol içerden sal-sal bolan bir ýapynjany gözläp tapypdyr, getiribem şony baýa uzadypdyr:

– Me, muny egniňe atynarsyň!

Köne şylhany görüp, gahary depesine uran baý:

– Sokrat, seniň kelläň ýerindemi? Men indi şu ylhanady egnime ataryn öýdýärmiň? – diýipdir-de, ýapynjany zyňyp goýberipdir. Şonda, Sokrat oňa şeýle diýipdir:

– Gördüň dälmi? Sen şol ylhanady egniňe atasyň gelmedi. Edil şonuň ýaly, men hem hälki adamyň ýoknasyz gürrüňlerine pitiwa etjek bolup durmadym. Onuň aýdan sözleri maňa hiç hili täsir etmedi. Eger saňa halamaýan bir zadyňy sowgat berseler, senem şol sowgady kabul etmeseň, onda kabul edilmedik sowgat kimiňki bolar öýdýärsiň?! Adamlaryň sen barada bolar-bolgusyz gürrüň edýändigini eşidip, muňa gaharlanmak ýa-da gynanmak, olaryň zyňan ylhanatlaryny alyp geýen ýalydyr.

# Romanyň seýrek nusgasy

«Rolling Stones» aýdym-saz toparynyň deprekçisi Çarli Wottsyň kitaphanasy ýakyn günlerde «Christie's» auksionyna çykarylar. Onuň kitaplarynyň arasynda meşhur amerikan ýazyjysy Frensis Skott Fisjeraldyň (1896-1940) «Beýik Getsbi» romanynyň seýrek nusgasy hem bar» diýip, «gazeta.ru» ýazýar.

«Christie's» auksiony tarapyndan satuwa çykaryljak kitaplaryň arasynda iň gymmatlysy ýazyjy F.Skott Fisjeraldyň goly goýlan «Beýik Getsbi» romanynyň ilkinji



çap edilen nusgasydyr. Oňa 200-300 müň ýewro möçberinde baha kesmek meýilleşdirilýär. Ýazyjy bu kitaba gol çekip, MGM kinostudiýasynyň ssenariçisi Garold Goldmana sowgat beripdir.

Toplumda şeýle-de, Agata Kristiniň, Jeýms Joýsuň kitaplarynyň ilkinji neşirleri bar.

Merhum sazanda Çarli Wottsyň terjimehalynyň awtory Pol Sekston deprekçiniň bu kitaplary okamakdan egsilmez ruhy lezzet alandygyny, edebiýaty öz ömrüniň aýrylmaz hemrasy hasaplandygyny gürrüň berýär.

# Ilkinji neşiri 13,5 müň dollara satyldy

«Garri Potter we filosofyň daşy» (1997) atly kitabyň ilkinji neşiri Angliýadaky «Richard Winterton Auctioneers» auksion öýünde 10,5 müň funta (13,5 müň dollar) satyldy. Auksiona goýlan kitap birnäçe ýyl ozal höwesjeň kolleksiýaçy tarapyndan satyn alnan eken. Şol wagtlar kitabyň 30 pens (takmynan, 36 sent) bahasy bolup, Angliýanyň kitaphanalarynyň birinde saklanýardy.

Bilermenler bu nusganyň 1997-nji ýylda neşirýatyň birinji tapgyrynda çap edilen 500 kitabyň biridigini tassykladylar. «The Independent» neşiriniň habaryna görä, auksionda kitap deslapky bahadan iki esse we asyl bahasyndan 35 müň esse gymmat satyldy.




# Gündogaryň beýik söz ussady

**Pars şahyry Abulkasym Mansur Hasan Ferdöwsi biziň sebitlerimizde hem uly meşhurlyga eýedir. Ferdöwsi, takmynan, 993-nji ýylda Horasanyň Tus şäherinde daýhan maşgalasynda dünýä inýär. Öz döwrüniň ýokary bilimine eýe bolan Ferdöwsi Eýranyň şol döwürdäki edebi dilleri – parsça we arapça suwara gepläp bilipdir. Ylma-bilime aýratyn hormat goýan aryf-akyldar «Sen, paýhasly ýol gözläp, bilim almak üçin bütin dünýäni gez!» diýmegi gowy görýän eken. Oňa döwürdeşleri çuňňur we giň bilimi üçin häkim (akyldar, alym) tahallusyny dakypdyrlar.**

**Ferdöwsi uzak wagtlap Gaznada ýaşap, Soltan Mahmyt Gaznalynyň hyzmatynda bolýar. Ol «Şanamany» hem oňa bagyşlap ýazýar. Onuň mesnewi görnüşli «Şanama» eposy juda uly göwrümli eserdir. Mesnewi žanry uzyn gahrymançylyklar hakyndaky kyssalarda ulanylypdyr. Ferdöwsiniň şeýle žanrda ýazan baş eseri «Şanamanyň» möçberi «Iliadany» we «Odisseýany» bilelikde alanyňda-da, iki esse köpdür. Maglumatlara görä, Ferdöwsi bu gahrymançylykly eserini ýazmaga ömrüniň 35 ýylyny sarp edipdir. «Şanama» giň we saldamly taryhy eser bolup, Keýumersiň patyşalyk eden döwri baradaky bap bilen başlanyp, Zalym Zohak we Feridun, Rüstem hakynda rowaýat, Rüstem we Suhrab, Syýawuş hakynda rowaýat, Pygamber Zerdoşt, Rüstem we Isfendiýar ýaly baplar bilen dowam edýär. Uly göwrümli eseriň gahrymançylykly babynda pälwan Zalyň we onuň ogly Rüstemiň gahrymançylygy hem-de olaryň deňsiz-taýsyz güýçleri barada söhbet edilýär. Syýawuş hakyndaky bapda bolsa, Watan goragy öňe sürülýär.**



**Şol döwrüň şahyrlarynyň milli düşünjeleriniň ösmegi bilen öz taryhy geçmişine gyzyklanmagy, oňa ýazuw görnüşinde täzeçe çemeleşmäge bolan isleg barha artýar. Şeýlelikde, taryhy rowaýatlaryň doly ýygyndysyny taýýarlamak üçin birnäçe synanyşyklar edilýär, ýöne has uly tutanýerliligi talap edýän bu işiň hötdesinden diňe Abulkasym Ferdöwsi gelýär. Ol akyly goýalyşan ýaşyndaka Dakykynyň başlan işini gutarmaly we Eýranyň taryhy rowaýatlaryny dolulygyna şygyr görnüşinde beýan etmeli diýen netijä gelýär. «Şanama» 60 müň beýtden ybarat bolup, Eýranyň 53 hökümdarynyň patyşalyk eden döwrüni öz içine alýar. Ferdöwsiniň özi poemasynyň diňe şalyklar baradadygyny öňe sürse-de, edebiýatçylar awtoryň ulanan çeşmelerine baglylykda, ony üç sany uly ugra – mifologik, rowaýaty we taryhy şahalara bölýärler. Ferdöwsi resmi sasanid taryhy çeşmelerine salgylanyp, patyşalygy Peşdadiler, Keýaniler, Eşkaniler, Sasaniler ýaly 4 hanadanlyga bölýär. «Şanamada» mifleriň giden dünýäsi bar. «Şanama» durşuna Gündogar mifologiýasy. Hut şonuň üçinem ol gyzykly, ajaýyp eserdir.**

**Rowaýatlara görä, soltan Mahmyt Gaznaly Ferdöwsä poema üçin pul tölemekden boýun gaçyrýar. Bu ýagdaý şahyryň juda gaharyny getirýär. Netijede, şahyr ol sebitden başyny alyp gidýär. Beýik şahyr 1020-nji ýylda aradan çykýar. Şahyryň depin edilen ýerinde doglan gününiň 1000 ýyllygy mynasybetli 1935-nji ýylda aramgäh gurulýar.**

**Eýranyň habar beriş serişdeleriniň ýazmagyna görä, häzirki wagtda Eýran Yslam Respublikasynyň Medeni miras, senetçilik we syýahatçylyk guramasy tarapyndan Tus şäherindäki Ferdöwsiniň aramgähinde hem-de onuň ýanaşyk ýerindäki 6 gektardan ybarat medeni miras toplumynda giň gerimli abatlaýyş işleri geçirilipdir.**

**Gurbandurdy HOJAÝEW,**
***Türkmenistanyň ussat mugallymy,***
***Etrek etrabynyň Gyzylbaýyr obasynyň ýaşaýjysy.***

# Paýhaslar

☑ Durmuşyň manysy kämillige ýetip, ol barada beýlekilere gürrüň bermekdir.

***R. Bah.***

☑ Durmuş geçen günler däl-de, ýatda galan günlerdir.

***Bennet.***

☑ Iň uly betbagtçylyk hakyky dostlaryň bolmazlygydyr.

***F. Bekon.***

☑ Adamlar saz guraly ýalydyr: onuň seslenmesi gabatlaşýan adamsyna baglydyr.

***Wergiliý.***

☑ Kimiň göwnüni Gün ýagtyldýan bolsa, bulutly günde hem Güni görer.

***Konfusiý.***

☑ Her kim Aýa meňzäp, özüniň hiç kime görkezmeýän garaňky taraplary bar.

***Anatol Frans.***

☑ Ýalňyşlyk goýberen adam akmak däl-de, hiç haçan ýalňyşmaýan adam akmakdyr.

***D.P.Robson.***

☑ Eger-de sen gözlemeseň, başgalar taparlar.

***Robert Oppengeýmer.***

☑ Eger-de, sen ýalňyşmadyk bolsaň, diýmek, onda sen hiç hili täze bir iş eden dälsiň.

☑ Eger-de bu saňa möhüm bolsa, sen wagtam, mümkinçiligem, ýolam taparsyň. Eger-de möhüm däl bolsa  bahana.

***Joan Rouling.***

☑ Alada, ýagny beýlekilere üns bermek gowy durmuşyň esasydyr, gowy jemgyýetiň özenidir.

***Konfusiý.***

☑ Eger-de biri-birimiziň durmuşyny ýeňletmäge tagalla etmeýän bolsak, onda näme üçin ýaşaýarys?!

***T. Eliot.***

☑ Durmuş mugt zat bermeýär, ykbalyň her bir ynsana beren zadynyň gizlin bahasy bar.

***S. Sweýg.***

☑ Durmuşyň her bir pursadyny çuňňur many bilen dolduryan ynsan, öz ömrüni uzaldýar.

***I.Kurs.***

☑ Eger-de, dostluk gutaran bolsa, diýmek onda ol hiç haçan bolan däldir.

***Mark Twen.***

☑ Sen dogry iş etseň, muny hiç kim ýatlamaýar. Ýalňyşsaň welin, hiç kim unutmaýar.

***Wiktor Gýugo.***



## 32-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Biriniň günäsini ötmek, ýazygyny geçmek. **2.** Ýurdumyzyň iň uly dag gerşi. **3.** Ekin meýdany. **4.** Sungatyň bir görnüşi. **5.** Hoşboý ysly, iýilmeýän gawun, dessemmaýa. **6.** Gowurga ununa toşap garylyp taýýarlanýan iýmit. **7.** Ýat ýere göçüp gelen, başga ýerli. **8.** Kimdir birini özüňe gaty öwrenişdirmek. **12.** «Barjak ýeriňe ... atma, çykan gapyňy batly ýapma» (nakyl). **16.** Tikinçiniň esbaby. **17.** «At gylygyna eýesi ...» (nakyl). **19.** Akyly gysgalyk, samsyklyk. **21.** Süýreniji jandar. **22.** Gaýygyň gyrasyndan kürek taýyp gitmez ýaly daýanç. **24.** Hatarda nyzam bilen ýöreýiş täri. **26.** Zähersiz ýylan. **27.** At çalyşmasy. **28.** Çenli, deňiç. **29.** Nota. **31.** Fizikanyň bir bölümi. **32.** Zarýadyň ölçeg birligi. **33.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **34.** Özüne çekiji, görmegeý, edenli. **36.** Daniel Defonyň «... Kruzo» romany. **38.** Gora gömlüp bişirilýän çörek. **40.** Biriniň üstüne gaharly gygyrmak, haýbat atmak. **42.** Bir zadyň agramy. **44.** Äşgär, mese-mälim. **47.** Bir işiň hötdesinden gelmek niýeti, hyýaly. **48.** Geometrik adalga.

**KESELIGINE:** **1.** Hiç bir tarapa goşulmazlyk, gatyşmazlyk. **5.** Beýik nusgawy şahyrlaryň biri. **9.** Soňundaky. **10.** Näbelli san. **11.** Ýaýyň okuny atmaga ökde mergen. **13.** Wada. **14.** «... bölünse, tiz dargar» (nakyl). **15.** Hakykat, dogry hereketi aňladýan düşünje. **17.** «Göter, ýyk, ... sal, ýyk!» («Görogly» eposy). **18.** Edebi žanr. **20.** Oglan ady. **22.** 1,07 km-e deň bolan uzynlyk ölçegi (köne söz). **23.** Ýuwaş-ýuwaşdan gitdigiçe. **25.** Ýuwnuksyzlyk, batnyksyzlyk. **27.** Dyngy belgi. **30.** Gyz ady. **31.** Barak, sakarbarak. **33.** Ýagtylygyň tizligini kesgitlän amerikan fizigi. **35.** Goýun-guza degýän kesel. **37.** «Ýow güni gaýrata gatlan, ... goýma riş üstünde» (Magtymguly Pyragy). **39.** Göwnüçökgün, sussupes. **41.** «Ýagmyry-borany ..., gyş bolupdyr ýazlarym» (Magtymguly Pyragy). **43.** Üsti-üstüne toplanan, üýşen, toplum. **45.** Merkezi Aziýadaky 5 ýurduň çäginden geçýän dag ulgamy. **46.** Haýran galmak, geň galmak. **47.** Ölçeg birligi. **49.** «Men-menlikde gezer käsi, günbegünden bolar ...» (Zelili). **50.** Görnükli şahyr Ýunus ... . **51.** Rehimdarlyk manysynda gelýän söz. **52.** Kiçiräk suw guşy.

31-nji krosswordyň jogaby:



20-nji skanwordyň jogaby:








Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

## Bir sözlemde...

- Golf boýunça «PGA Tour»-yň çäginde geçirilýän 5 uly ýaryşyň biri hasaplanýan «Senior Players Championship»-de amerikaly Stiw Straýker ýeňiş gazanyp, yzly-yzyna 3-nji finalyndan soň 2-nji çempionlygyny baýram etdi (2021-nji ýylda 1-nji çempionlygy).
- Argentinanyň çempionatynda 25-nji tapgyrda «Estudiantes» toparyny 3-1 hasabynda ýeňen Martin Demiçelisiň tälimçiligindäki «Riwer Pleýt» möwsümiň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda, taryhyndaky 38-nji çempionlygyny gazandy.
- Russiýanyň Super Kubogy duşuşygynda çempion «Zenit» bilen Kubogyň eýesi Moskwanyň SSKA-sy duşuşyp, oýnuň esasy wagty golsuz tamamlandy we penaltileriň netijesinde 5–4 ýeňiş gazanan sankt-peterburglylar bassyr 4-nji, umumylykda 8-nji gezek bu kubogy eýelediler.
- Futbol boýunça Maltada geçirilen Ýewropanyň U-19 çempionatynyň finalynda Portugaliýanyň ýaşlar ýygyndysyny 1–0 (Kaýode 19) hasabynda ýeňen Italiýa 20 ýyldan soň 4-nji çempionlygyny gazandy.
- Meşhur markalaryň biri bolan «Trendyol» Türkiýäniň «Süper Lig»-iniň hem-de «1.Lig»-iniň hemaýatkäri bolup, taraplaryň arasynda 1+1 ýyllyk şertnama baglaşyldy we iki ligany hem ady «Trendyol» markasy bilen bilelikde agzalar.
- Futbol boýunça ilkinji gezek geçirilen UEFA Ýewropa Ligasynyň çempiony bilen Sudamerikano Kubogynyň çempionynyň arasyndaky duşuşykda Ispaniýanyň «Sewilýa» topary Ekwadoryň «Independiente del Walie» klubuny esasy wagty 1–1 (Ortis 90+1 — Dias 10) tamamlanan duşuşykda, penaltileriň netijesinde ýeňip (4–1), Çagyryş kubogyny eýeledi.



## Meksika — «Altyn Kubogyň» eýesi

**Futbol boýunça Demirgazyk, Merkezi Amerika we Karibleriň çempionaty bolan KONKAKAF «Altyn Kubok» (CONCACAF Gold Cup) ýaryşynyň finalynda Meksika bilen Panamanyň ýygyndylary duşuşdy. Kaliforniýadaky «SoFi» stadionynda 72 müň 963 janköýeriň şaýatlygynda geçen finalda Meksikanyň ýygyndysy 1-0 hasabynda ýeňiş gazandy. Meksikanlara ýeňiş getiren ýeke-täk goly 88-nji minutda Santiago Himenes geçirdi.**

**Şeýlelikde, Meksikanyň milli ýygyndysy KONKAKAF «Altyn Kubok» ady bilen 17-nji gezek geçirilen ýaryşda umumylykda 12-nji gezek çempion bolmagy başardy.**

**Panamanyň ýygyndysy bolsa 2005-nji we 2013-nji ýyllardan soň 3-nji gezek finalda asgyn geldi. Panamanyň ýygyndysy ýarym finalda ABŞ-nyň ýygyndysyny penaltileriň netijesinde ýeňipdi (1-1, 5-4 p).**

**16 ýygyndynyň gatnaşan ýaryşyna Kataryň ýygyndysy hem myhman topar hökmünde çagyryldy. Çempionatda 7 gezek tapawutlanan Hesus Ferreýra iň netijeli futbolçy boldy.**

# Alkaras bilen Wondrouşowa «WIMBLEDONYŇ» TÄZE ÇEMPIONLARY

**Möwsümiň 3-nji «Uly tuwulga» ýaryşy «Wimbledon» täze çempionlaryň çempionlygy bilen tamamlandy. 2 hepdeläp dowam eden 136-njy «Wimbledon» ýaryşynda erkekleriň arasynda 20 ýyldan soň täze çempion ýüze çykdy. Zenanlardan bolsa soňky 6 ýylda 6-njy täze çempion hasaba alyndy. Umumy baýrak gaznasy 44,7 million funt sterlinge deň bolan ýaryşda çempionlaryň hersine aýratynlykda 2,35 million funt sterling pul baýragy berildi.**

Ýaryşyň jemleýji gününde erkekleriň arasyndaky final duşuşygy oýnaldy. Sanawyň 1-nji we 2-nji belgili tennisçileriniň arasyndaky bu duşuşyk 5 sagada golaý, ýagny 4 sagat 42 minutlap dowam etdi. Ýeňiji 5 setde kesgitlenildi. Duşuşyga juda şowly başlan serbiýaly Nowak Jokowiç 1-nji setde garşydaşy Karlos Alkarasy 34 minutda 6:1 hasabynda ýeňdi. Ýöne munuň tersine 2-nji set diýseň çekeleşikli geçip, 84 minutyň dowamynda Alkaras taý-brek bilen Jokowiçi ýeňlişe sezewar etdi. Jokowiç yzly-yzyna gazanan 15 ýeňşinden soň taý-brekde ilkinji gezek ýeňildi. 3-nji setde ispaniýaly tennisçä ýeňiş gazanmak kyn düşmedi. Bu gezek Alkaras 6:1 hasap bilen ýeňiş gazandy. 4-nji setde Jokowiç 6:3 hasabynda üstün çykyp, umumy hasaby deňlemegi başardy. Final setinde bolsa Alkaras güýçli garşydaşyny 6:4 hasabynda ýeňip, «Wimbledondaky» ilkinji, «Amerika Açykdan» soň karýerasyndaky 2-nji «Uly tuwulga» kubogyny asmana göterdi. Bu onuň 12-nji çempionlygy bolup, ol soňky 20 ýylda Rojer Federer (8), Nowak Jokowiç (7), Rafael Nadal (2) hem-de Endi Mörriden (2) başga «Wimbledonda» çempionlyk gazanan ilkinji tennisçi hökmünde hasaba alyndy.



### REKORDLAR SOŇA GALDY

● «Wimbledonda» yzly-yzyna 5-nji, umumylykda 8-nji çempionlyk gazanyp, Federeriň rekordyna ymtylan Jokowiçe bu görkezijilere ýetmek başartmady. Onuň 24-nji «Uly tuwulga» kubogyny gazanyp, Margaret Kortuň rekordyny täzelemek arzuwy hem soňa galdy. Şeýle-de, onuň «Awstraliýa Açyk» hem-de «Fransiýa Açyk» ýaryşlaryndan soň möwsümiň 3-nji «Uly tuwulgasyny-da» gazanyp, möwsümde 4 «Uly tuwulgada-da» çempion bolmak mümkinçiligi hem galmady. Jokowiç çempionlyk gazanan ýagdaýynda başga-da birnäçe rekordy täzelemelidi. «Uly tuwulgalarda» 35-nji gezek finala çykyp, bu ugurda Kris Ewertiň rekordyny täzelän Jokowiç «Wimbledonda» 2013-nji ýyldan soň 2-nji, umumylykda-da «Uly tuwulga» ýaryşlarynyň finalynda 12-nji sapar ýeňlişe sezewar boldy.

Çempion Alkaras ýarym finalda Daniil Medwedewi 6:3 hasaplar bilen 3 setde ýeňlişe sezewar edipdi. Jokowiç hem 3 setde italiýaly Ýannik Sinneri 6:3, 6:4 we 7:6 hasaplar bilen utupdy.



### «WIMBLEDONYŇ» TARYHYNDA ILKINJI GEZEK

● Zenanlaryň arasyndaky finalda-da sanawyň 42-nji belgilisi, çehiýaly Marketa Wondrouşowa bilen 6-njy ýerdäki tunisli Uns Jaber duşuşdy. Duşuşyga Jaber şowly başlanam bolsa, soňlugy bilen 24 ýaşyndaky Wondrouşowa 6:4 hasabynda ýeňiş gazandy. 1 sagat 20 minutlap dowam eden finalyň 2-nji seti hem şol hasap bilen tamamlandy. Netijede, 6:4 we 6:4 hasaplar bilen ýeňiş gazanan Wondrouşowa karýerasyndaky ilkinji «Uly tuwulga» kubogyny, umumylykda-da WTA-nyň ýaryşlaryndaky 2-nji çempionlyk kubogyny asmana göterdi. Bu ýeňiş taryhy çempionlyk hökmünde hasaba alnyp, ol «Açyk döwürde» faworit däl tennisçi bolubam ýeňiş gazanan ilkinji zenan raketkaçy bolmagy başardy. Wondrouşowa «Wimbledonda» çempionlyk gazanan iň pes orundaky (42-nji) zenan tennisçi hökmünde hasaba alyndy. Ol Ýana Nowota hem-de Petra Kwitowadan soň «Wimbledonda» çempionlyk gazanan 3-nji çehiýaly tennisçi boldy. Wondrouşowa karýerasynda 2-nji gezek «Uly tuwulgada» finala çykyp, ilkinji çempionlygyny gazandy. Ol 2019-njy ýylda Fransiýa Açygyň finalynda Eşli Bartiden asgyn gelipdi. Täze sanawda Wondrouşowa 32 basgançak beýgelip, 10-njy orna çykdy. Ol 2,35 million funt sterling pul sylagyna mynasyp boldy.



### BU GEZEK HEM BOLMADY

● Tunisli Uns Jaber bassyr 2-nji gezek finalda utulyp, «Uly tuwulgalarda» çempionlyk gazanan ilkinji arap zenan tennisçi bolmak mümkinçiligini ýene bir ýola elden giderdi. Geçen ýyl gazagystanly Elena Rybakinadan asgyn gelen Jaber möwsümiň başynda «Awstraliýa Açygyň» finalynda-da ýeňlipdi. Ol ilkinji 3 «Uly tuwulga» finalynda utulan az sanly tennisçileriň hataryna goşuldy.

Marketa Wondrouşowa ýarym finalda ukrainaly Elina Switolinany (6:3, 6:3), Uns Jaber belarusly Aryna Sabalenkany (6:7, 6:4, 6:3) ýeňipdi.





## ILKINJI ALTYN MEDAL

**Woleýbol boýunça zenanlaryň arasynda geçirilen Milletler Ligasynda Türkiýäniň ýygyndysy çempionlyk gazanmagy başardy. ABŞ-nyň Tehas ştatynda geçirilen final tapgyrynyň jemleýji duşuşygynda Türkiýe bilen Hytaýyň ýygyndylary duşuşdy. Çekeleşikli geçen finalyň 1-nji setinde Türkiýe 25:22 hasabynda öňe saýlandy. 2-nji set hem şol hasap bilen tamamlanyp, bu gezek hytaýlylar ýeňiş gazandy. 3-nji setde 25:19, 4-nji setde-de 25:16 hasabynda ýeňiş gazanan Türkiýäniň ýygyndysy umumy hasapda 3:1 üstün çykyp, bu ýaryşdaky ilkinji çempionlygyny baýram etdi. Şol bir wagtyň özünde bu ýeňiş Türkiýäniň woleýbol boýunça zenanlar ýygyndysynyň taryhyndaky ilkinji altyn medal hökmünde hasaba alyndy. Mundan öňki ençeme ýaryşlarda kümüşdir bürünç medallar gazanan türkler ahyry altyn medala mynasyp boldy.**

**Ýaryşda 3-nji ýer üçin duşuşykda ABŞ bilen Polşanyň ýygyndylary duşuşyp, ýewropalylar 3:2 hasabynda ýeňiş gazandy we bürünç medaly eýelemegi başardy. Ýarym finalda Türkiýe ABŞ-ny (3:1), Hytaý Polşany (3:0) ýeňipdi.**

**Ýaryşyň iň ökde oýunçysy diýlip, türkiýeli Melissa Wargas saýlandy. Ol çempionatyň iň ökde çapraz pas berijisi ugry boýunça-da baýragy eýeledi.**

**FIVB tarapyndan guralýan Milletler Ligasy 5-nji gezek geçirilip, ilkinji 3 ýaryşda, ýagny 2018-nji, 2019-njy hem-de 2021-nji ýyllarda ABŞ-nyň, 4-nji bäsleşikde, 2022-nji ýylda Italiýanyň ýygyndysy çempion bolupdy. 2018-nji ýylda kümüş, 2021-nji ýylda bürünç, 2019-njy we 2022-nji ýyllarda 4-nji ýeri eýelän Türkiýäniň ýygyndysy ilkinji gezek çempion bolmagy başardy.**

# «FERENSWAROŞYŇ» GARAŞYLMADYK ÝEŇLIŞI

UEFA Çempionlar Ligasynda 1-nji saýlama tapgyryň jogap duşuşyklary oýnaldy. Oýnalan duşuşyklarda faworitleriň köpüsi ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandy. Tapgyryň garaşylmadyk netijesi Wengriýada hasaba alyndy.

Myhmançylykda Farer adalarynyň wekili «KI Klakswik» bilen golsuz deňme-deň oýnan Wengriýanyň çempiony, Stanislaw Çerçesowyň tälim berýän «Ferenswaroş» topary öz meýdançasynda garaşylmadyk ýerden 3–0 hasabynda asgyn geldi. Farer adalarynyň wekiline ýeňiş getiren gollaryň 3-si hem 1-nji ýarymda geçirilip, olary Frederiksberg (8 p, 32) bilen Kassi (45+1) derweze girizdi. Bu ýeňlişden soň klub tarapyndan Çerçesowyň wezipesinden boşadylandygy habar berildi.

Rumyniýada «Farul Konstansadan» 1–0 utulan «Şerif» öz meýdançasynda goşmaça wagtda 3–0 hasabynda ýeňiş gazandy. «Dinamo Tbilisini» myhmançylykda Beýsebekow hem-de Darboeniň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňen «Astana» 2-nji saýlama tapgyra çykdy. Gazagystandaky oýun deňlikde tamamlanypdy. Kosowoda «Ballkaniden» 2–0 utulan bolgarlaryň «Ludogores Razgrad» topary öz meýdançasynda jogapsyz 4 gol geçirip, 2-nji saýlama tapgyrda oýnamaga ygtyýar aldy.

2-nji saýlama tapgyrda Türkiýäniň «Galatasaraý» topary Litwanyň «Žalgiris» kluby, Daniýanyň «Kopengagen» topary-da Islandiýanyň «Breidablik» kluby bilen duşuşar. 1-nji saýlama tapgyrynda Tbilisiniň «Dinamosyny» ýeňen «Astana» 2-nji saýlama tapgyrynda başga bir ýurduň «Dinamo» topary bilen Horwatiýanyň «Dinamo Zagreb» kluby bilen güýç synanyşar. 2-nji saýlama tapgyryň duşuşyklary 25–26-njy iýulda hem-de 1–2-nji awgustda oýnalar.





● **1-nji saýlama tapgyryň jogap duşuşyklarynyň netijeleri:** «Nýu-Seýnts» (Uels)—**«BK Haken» (Şwesiýa)**: 0–2 (1–3), **«Ludogores Razgrad» (Bolgariýa)**—«Ballkani» (Kosowo): 4–0 (0–2), **«Breidablik» (Islandiýa)**—«Şamrok Rowers» (Irlandiýa): 2–1 (1–0), «Struga» (D. Makedoniýa)—**«Žalgiris» (Litwa)**: 1–2 (0–0), «Ferenswaroş» (Wengriýa)—**«KI Klakswik» (Farer adalary)**: 0–3, (0–0), «Walmiera» (Latwiýa)—**«Olimpiýa Lýublýana» (Sloweniýa)**: 1–2 (1–2), «Larn» (D. Irlandiýa)—**«HJK Helsinki» (Finlýandiýa)**: 2–2 g.w. (0–1), **«Garabag» (Azerbaýjan)**—«Linkoln Red Imps» (Gibraltar): 4–0 (2–1), «Flora» (Estoniýa)—**«Rakuw Çenstohowa» (Polşa)**: 0–3 (0–1), «Swift Hesperanž» (Lýuksemburg)—**«Slowan Bratislawa» (Slowakiýa)**: 0–2 (1–1), **«Şerif» (Moldowa)**—«Farul Konstansa» (Rumyniýa): 3–0 g.w. (0–1), **«Makkabi Haýfa» (Ysraýyl)**—«Hamrun Spartans» (Malta): 2–1 (4–0), **«Zrýinski Mostar» (Bosniýa)**—«Urartu» (Ermenistan): 2–3, g.w., 4–3 p (0–1), **«BATE Borisow» (Belarus)**—«Partizani» (Albaniýa): 2–0 (1–1), «Dinamo Tbilisi» (Gruziýa)—**«Astana» (Gazagystan)**: 1–2 (1–1).

**2-nji saýlama tapgyryň duşuşyklary:** «Žalgiris» (Litwa)—«Galatasaraý» (Türkiýe), «Ludogores Razgrad» (Bolgariýa)—«Olimpiýa Lýublýana» (Sloweniýa), «Rakuw Çenstohowa» (Polşa)—«Garabag» (Azerbaýjan), «KI Klakswik» (Farer adalary)—«BK Haken» (Şwesiýa), «HJK Helsinki» (Finlýandiýa)—«Molde» (Norwegiýa), «Breidablik» (Islandiýa)—«Kopengagen» (Daniýa), «Şerif» (Moldowa)—«Makkabi Haýfa» (Ysraýyl), «Aris Limassol» (Kipr)—«BATE Borisow» (Belarus), «Zrýinski Mostar» (Bosniýa)—«Slowan Bratislawa» (Slowakiýa), «Dinamo Zagreb» (Horwatiýa)—«Astana» (Gazagystan), «Dnepr – 1» (Ukraina)—«Panatinaikos» (Gresiýa), «Serwette» (Şweýsariýa)—«Genk» (Belgiýa).

# TRANSFER TÄZELIKLERI

## «Bawariýanyň» täze transferleri





● «Bundesliganyň» soňky 11 ýylynyň çempiony «Bawariýa» topary Italiýanyň çempiony «Napoliniň» Günorta koreýaly goragçysy Kim Min Çženi transfer edendigini resmi ýagdaýda mälim etdi. Nemes kluby 26 ýaşly goragçy bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol ýylda 7,5 million ýewro hak alar. «Bawariýa» topary Kim Min Çženiň transferi üçin italýan toparyna 50 million ýewro berer (klubuň taryhyndaky iň gymmat 3-nji futbolçy). Kim Min Çže geçen möwsüm «Napolide» 45 oýunda meýdança çykdy. Ol «Napoliden» öň «Fenerbahçede», ondan öňem «Beižing Goan» hem-de «Çeonbuk Hýundai Motors» klublarynda oýnapdy.

Şeýle-de, «Bawariýa» iýun aýynda düzümine goşan oýunçylary bilenem şertnama baglaşdy. Mälim bolşy ýaly, münhenliler «Leipsig» bilen şertnamasy tamamlanan awstriýaly ýarymgoragçy Konrad Laýmeri transfer edipdi. 26 ýaşyndaky oýunçy «Bawariýa» bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşypdy. Şol sanda «Borussiýa Dortmund» bilen şertnamasy tamamlanan portugaliýaly Rafael Gerreýro hem «Bawariýanyň» düzümine goşulypdy. 29 ýaşyndaky çep gyraky oýunçy 3 ýyllyk şertnama gol çekipdi.

## «Arsenal» 2 futbolçyny düzümine goşdy



● Angliýanyň çempionaty «Premier Liganyň» wise-çempiony «Arsenal» Londonyň beýleki klubundan, köne bäsdeşi «West Hamdan» Deklan Raýsy rekord baha transfer etdi. Topçular 24 ýaşyndaky iňlis ýarymgoragçysy bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Arsenal» topary Raýsyň transfer tölegi hökmünde «West Hama» 100+5 million funt sterling tölemeli bolar. Şunlukda, Raýs «Premier Liganyň» taryhyndaky iň gymmat 2 iňlis futbolçynyň biri boldy. Ol bu ugurda rekordy 100 million funt sterlinge «Aston Willadan» «Mançester Sitä» geçen Jek Griliş bilen paýlaşýar. Deklan Raýs täze klubunda 41-nji belgili köýnekçäni geýer. Karýerasyna «West Hamda» başlan Raýs bu toparda 7 möwsümde 245 oýunda 15 gol geçirdi.



Şeýle-de, «Arsenal» topary «Aýaksyň» ýerli futbolçysy Ýurrien Timberi 40+5 million ýewro transfer etdi. 22 ýaşyndaky niderland goragçysy londonlylar bilen 5 ýyl möhletli şertnama gol çekişdi. «Aýaksda» 4 möwsümde 121 duşuşyk geçiren Timber täze klubunda 12-nji belgili köýnekçäni geýer.

### BEÝLEKI TRANSFERLER



● Italiýanyň «Milan» topary «Çelsiden» ýene bir futbolçyny transfer etdi. Italýan kluby «Çelsiniň» amerikaly ýarymgoragçysy Kristian Pulişiçi öz düzümine goşdy. «Milan» Pulişiçiň transferi üçin iňlis klubuna häzirlikçe 20 million ýewro berer. Ol mukdaryň goşmaçalar bilen az-owlak artmagy hem mümkin. «Milan» topary 24 ýaşyndaky oýunçy bilen 4+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Pulişiç «Çelsi» toparyna 2019-njy ýylyň tomsunda geçipdi. Ol londonlylaryň düzüminde 4 möwsümde 145 oýunda 26 gezek tapawutlandy. Pulişiç «Milanda» 11-nji belgili köýnekçäni geýer. «Milan» geçen aýyň ahyrynda «Çelsiniň» başga bir ýarymgoragçysy Ruben Loftus-Çigi hem transfer edipdi.



● Türkiýäniň öňdebaryjy klublaryndan «Fenerbahçe» kluby «Aýaksdan» gaýdan serbiýaly Duşan Tadiçi düzümine goşdy. Stambullylar 34 ýaşyndaky ýarymgoragçy bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Tadiç «Fenerbahçede» 10-njy belgili köýnekçäni geýer. Tadiç «Aýaksda» 5 möwsümde 241 oýunda 105 gol geçirdi. Ol «Aýaksdan» öň «Southempton», «Twente», «Groningen», «Woýwodina» klublarynda hem oýnapdy. «Fenerbahçe» topary Duşan Tadiçden öň bosniýaly hüjümçi Edin Jekony hem tölegsiz düzümine goşupdy.



● Türkiýäniň «Galatasaraý» kluby nemes kluby «Leipsigiň» ispaniýaly ýarymgoragçysy Anhelinony kärendesine transfer etdi. Türk kluby «Leipsige» oýunçynyň kärende tölegi hökmünde 1,5 million ýewro berer. Şeýle-de, möwsümiň ahyrynda oýunçyny 6 million ýewro töläp, ymykly transfer hem edip biler. 26 ýaşyndaky Anhelinio «Galatasaraýdan» 2,3 million ýewro hak alar. Professional karýerasyna «Mançester Sitide» başlan Anhelinio «Nýu Ýork Siti», «Malýorka», «NAK Breda», PSW hem-de geçen möwsümde kärendesine «Hoffenhaýmda» oýnady.



● Germaniýanyň «Leipsig» topary fransuz klublaryndan 2 futbolçyny transfer etdi. Olar ilki «Lans» klubundan belgiýaly hüjümçi Loi Opendany transfer etdi. 23 ýaşyndaky hüjümçiniň transfer bahasy 43-46 million ýewro, şol sanda goşmaça 6 million ýewro diýlip bellenildi. Openda täze kluby bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ýaş hüjümçi geçen möwsümde çempionatda 38 oýunda 21 gol geçirip, iň netijeli oýunçylaryň sanawynda öňdäki orny eýeläpdi. «Leipsig» kluby PSŽ-den merkezi goragçy El Çadaille Bitşiabuny hem düzümine goşdy. Fransiýaly 18 ýaşyndaky oýunçynyň transfer bahasy 15+5 million ýewro deň bolup, ol nemes topary bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Bitşiabu PSŽ-de 2 möwsümde 19 gezek meýdança çykdy.



● Fransiýanyň «Marsel» kluby Ispaniýanyň «Atletiko Madrid» toparynyň braziliýaly goragçysy Renan Lodini 13 million ýewro transfer etdi. Fransuz topary 25 ýaşyndaky çep gyraky futbolçy bilen 5 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Geçen möwsümi «Nottingam Forestde» geçiren Lodi täze klubunda 12-nji belgili köýnekçäni geýer. Lodi «Atletikoda» 3 möwsüm çykyş edip, ol 118 oýunda 6 gezek tapawutlandy. «Marsel» kluby oýunçynyň indiki transfer töleginiň 20 göterimini «Atletiko» toparyna berer.



● «Premier Liganyň» wekili «Aston Willanyň» tälimçisi Unaý Emeri «Wilýarrealdan» ozalky şägirdi Pau Torresi transfer etdi. Iňlis kluby 26 ýaşyndaky goragçynyň transferi üçin ispan klubuna 32,5+5 million ýewro tölär. Uzak möhletleýin şertnama baglaşan ispaniýaly goragçy «Wilýarrealda» 173 duşuşykda meýdança çykdy.



● Türkiýäniň «Istanbul Başakşehir» kluby «Bundesliganyň» wekili «Herta Berlin» bilen şertnamasy tamamlanan çehiýaly hüjümçi Kşiştof Pýontegi düzümine goşdy. Türk kluby 28 ýaşly hüjümçi bilen 3 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Geçen möwsümi «Salernitanada» kärendesine oýnan Pýontek «Jenoa», «Milan» ýaly klublaryň hem köýnekçesini geýdi.

# Taryhynda 1 gezek ýeňiş gazanan topar – SAN MARINONYŇ ÝYGYNDYSY

**Dünýäde futbol boýunça erkekleriň arasynda 200-den gowrak milli ýygyndy topar bar. Şolaryň käbirleri güýçli ýygyndylar bolsa, käbirleri diňe sandan ybarat. Esasan hem futbolyň öňdebaryjy yklymy hasaplanýan UEFA-nyň 55 agzasynyň 6-7 sanysy (wagtal-wagtal 8–9-a çykýar) San Marino, Lýuksemburg, Malta, Lihtenşteýn, Andorra, Farer adalary, Gibraltar – juda gowşak ýygyndylar hasaplanýar. Şol ýygyndylaryň arasynda entek resmi duşuşyklarda ýeňiş gazanyp görmedigi hem bar. Şol topar San Marinonyň milli ýygyndysy bolup, olaryň taryhda diňe bir ýeňşi (olam ýoldaşlyk duşuşygynda) hasaba alyndy.**

Italiýanyň çäginde ýerleşýän San Marino döwletiniň tutýan meýdany 61,2 inedördül kilometre deň bolup, ýurtda adaty kiçeňräk bir stadiona sygyp biläýjek ilat, ýagny 33 müň 600 adam ýaşaýar. Iki görkeziji babatda dünýäniň kiçi ýurtlarynyň hatarynda görkezilýän San Marinonyň futbol ýygyndysyda şonça kiçi hasaplanýar. 1931-nji ýylda esaslandyrylan ýurduň futbol federasiýasy 1988-nji ýylda hem FIFA-nyň, hem-de UEFA-nyň agzasy bolýar.

### RESMI DUŞUŞYKLARDA ÝEŇŞI ÝOK

● Häzirki wagtda FIFA-nyň reýtinginde iň soňky, ýagny 211-nji orunda barýan San Marinonyň ýygyndysy şu wagta çenli 198 resmi hem-de ýoldaşlyk duşuşygyny geçirdi. 1992-nji ýyldan bäri



Ýewropa çempionatynyň, 1994-nji ýyldan bäri bolsa Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrlaryna gatnaşyp gelýän San Marinonyň ýygyndysy 2 ýaryşyň hersinde 76 oýun oýnady. Olara oýnalan şol 152 duşuşykda ýeke gezek hem ýeňiş gazanmak başartmady. Hatda topar bary-ýogy 3 gezek deňme-deň oýnady. Galan 149 duşuşykda-da ýeňlişe sezewar bolan San Marinonyň ýygyndysy Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda diňe 2 duşuşykda utuk gazandy. 1993-nji ýylda öz meýdançasynda Türkiýe bilen 0–0 oýnan San Marino 2001-nji ýylda-da myhmançylykda Latwiýa bilen deňme-deň oýnady (1–1). Ýewropa çempionatynyň saýlama tapgyrynda-da Estoniýa bilen öz meýdançasynda golsuz deňme-deň oýnapdy. Topar soňky ýyllarda UEFA-nyň täze bäsleşigi Milletler Ligasyna («D» Liga) wekilçilik edýär. Olaryň şol ýerde-de 14 oýunda 2 deňligi, 12 ýeňlişi bar. Ýogsam bu ligada San Marinonyň ýygyndysy özi ýaly ýygyndylar bilen çykyş edýär. 2020-nji ýylda Gibraltar bilen myhmançylykda, Lihtenşteýn bilenem öz meýdançasynda golsuz deňme-deň oýnan San Marinonyň ähli resmi duşuşyklarda bar gazanany 5 deňme-deňlik.

Ilkinji duşuşygyny 1986-njy ýylda Kanadanyň U–23 ýygyndysy bilen geçiren San Marinonyň ýygyndysy bu resmi däl oýunda 1–0 hasabynda asgyn gelýär. Resmi ilkinji duşuşygy 1990-njy ýylda Şweýsariýa bilen geçiren San Marino bu oýunda 4–0 hasabynda utulýar.

### ÝEKE-TÄK TARYHY ÝEŇIŞ

● San Marinonyň ýygyndysy üçin ýeňiş gazanmak taryhy waka bolup, olar bu duýgyny diňe 1 gezek başdan geçirdiler. Deňme-deňlik, hatda golly deňlik olar üçin ullakan baýramçylyk hasaplanýar. Gol geçiren futbolçy üçinem şol gün ýatdan çykmajak pursatlaryň biri bolýar. Munuň tersine San Marinodan gol geçirden ýa-da San Marino bilen deňme-deň oýnan ýygyndylar üçin welin, şol gün otrisatel manyda ýatdan çykmajak günleriň birine öwrülýär.

Toparyň iň uly hasaply ýeňlişi 2006-njy ýylda Germaniýa bilen geçirilen duşuşykda hasaba alnyp, şonda San Marino öz meýdançasynda 13–0 hasabynda ýeňilýär. San Marinonyň şu wagta çenli gazanan ýeke-täk ýeňşi bolsa, 2004-nji ýylyň 28-nji aprelinde hasaba alynýar. Şol gün öz meýdançasynda Lihtenşteýniň ýygyndysyny kabul eden San Marino Endi Selwanyň 50-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda taryhy ýeňiş gazanýar.

San Marinonyň ýygyndysy şu wagta çenli 198 oýunda 1 gezek ýeňiş gazanyp, 8 sapar deňme-deň oýnaýar. 189 duşuşykda-da ýeňlişe sezewar bolýar. Diňe Lihtenşteýn bilen 2 gezek deňme-deň oýnan San Marinonyň Estoniýadyr Gibraltaryň, Türkiýäniň, Latwiýanyň, şol sanda Sent-Lýusiniň hem-de Seýşel adalarynyň ýygyndylary bilen 1 deňligi bar.

San Marinonyň ýygyndysy iň köp Polşadyr Angliýadan (10 oýun), Belgiýadan, Moldowadan hem-de Şotlandiýadan (8) utulýar.

San Marinonyň ýygyndysy 198 oýunda 28 gol geçirip, 811 gol geçirdýär. Aglaba 5–0, 6–0, 7–0 hasaplar bilen utulýan toparyň 10-dan köp gol geçirden duşuşyklary-da az däl. San Marinonyň ýygyndysy 48-si UEFA-nyň wekili, jemi 51 ýygyndy bilen resmi-ýoldaşlyk duşuşygyny geçirýär. Ýewropadan daşgary diňe 3 ýygyndy – KONKAKAF-yň wekili Sent-Lýusiniň (1 duşuşyk), Afrika yklymyna degişli Kabo Werdeniň (1 duşuşyk) hem-de Seýşel adalarynyň (2 duşuşyk) ýygyndylary bilen duşuşýar.

### IŇ NETIJELI FUTBOLÇYSYNYŇ 8 GOLY BAR

● San Marinonyň ýygyndysynda iň köp duşuşyk geçiren futbolçy 2007-nji ýyldan bäri çykyş edip gelýän toparyň kapitany Matteo Witaioli bolup, ol 85 duşuşykda meýdança çykdy. Endi Selwi bilen Mirko Palazziniň 73 duşuşygy bar. Iň köp gol geçiren futbolçysy bolsa 1998—2016-njy ýyllarda çykyş eden Endi Selwidir. Italiýanyň «Padowa», «Sassuolo», «Werona» ýaly klublarynyň köýnekçelerini geýen we bu klublarda ençeme gol geçiren



Endi Selwi

Selwi milli toparda 8 gezek tapawutlandy. 2-nji ýerdäki Manuel Maraniniň bolsa 2 goly bar.

Fabrizio Kostantininiň tälim berýän San Marinonyň ýygyndysy öz meýdançasyndaky duşuşyklaryny ýurduň demirgazygynda ýerleşýän Serrawalle şäherindäki 6 müň 664 orunlyk Olimpiýa stadionynda geçirýär.

FIFA-nyň sanawynda iň ýokary görkezijisi 118-nji orun bolan (1993-nji ýylyň sentýabrynda) San Marinonyň ýygyndysynyň iň esasy köýnekçesi açyk gök, 2-njisi goýy gök, 3-njisi açyk gök çyzykly ak reňkdäki köýnekçelerdir.

San Marinonyň çempionaty «Campionato Sammarinese» diýlip atlandyrylýar we 1985-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän çempionatda 16 klub çykyş edýär. «Tre Fiori» 8 çempionlyk gazanyp, bu ugurda öňdeligi eýeleýär. «La Floritanyň» 6, «Folgoreniň» hem-de soňky çempion «Tre Penneniň» 5 çempionlygy bar.

Futbol janköýerleri, bilermenler we iň esasysy hem ähli san marinoly janköýerler ýygyndynyň taryhynda 2-nji gezek ýeňiş gazanjak günlerine ýene näçe garaşmaly bolsa-da, sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar.

## 9-njy DÜNÝÄ KUBOGYNA BADALGA BERILDI

**Futbol boýunça zenanlaryň arasyndaky 9-njy FIFA Dünýä Kubogyna düýn badalga berildi. Awstraliýadyr Täze Zelandiýada geçirilýän ýaryşa 6 yklymdan jemi 32 ýygyndy gatnaşýar. Ilkinjisi 1991-nji ýylda geçirilen çempionatda ilkinji gezek 32 ýygyndy çykyş eder. 1 aýlap dowam etjek ýaryş 20-nji awgustda tamamlanar.**

Çempionatda 4 toparly 8 toparça bolup, her toparçalarda 1–2-nji orny eýelänler ýaryşy utulan-çykdy oýunlary esasynda dowam etdirerler. Duşuşyklar 9 şäherdäki 10 stadionda geçiriler. Awstraliýanyň Sidneý («Australia» – 75 784 orunlyk, «Sydney» – 40 583), Brisban («Lang Park» – 49 491), Melburn («Melbourne Rectangular» – 27 706), Pert («Pert Rectangular» – 18 727), Adelaide («Hindmarsh» – 13 557) şäherleri, Täze Zelandiýanyň Oklend («Eden Park» – 43 217), Wellington («Wellington Regional» – 33 132), Danidin («Forsyth Barr» – 25 947) hem-de Hamilton («Waikato» – 18 009) şäherleri çempionatyň geçiriljek ýerleridir. Final duşuşygy Sidneýdäki «Australia» stadionynda oýnalar.

Soňky 2 ýaryşyň ýeňijisi, umumylykda 4 çempionlygyň eýesi ABŞ-nyň ýygyndysy çempionlygyň esasy dalaşgäri diýlip hasaplanýar. Şeýle-de, Germaniýadyr Angliýanyň, Ispaniýanyň hem-de Fransiýanyň ýygyndylary esasy dalaşgärleriň hatarynda görkezilýär.

Çempionatyň umumy baýrak gaznasy 110 million dollara deňdir. Çempion bolan ýygyndy topar 10,5 million, finalçy 7,5 million dollar pul baýragy bilen sylaglanar.

Aziýadan Filippinleriň, Wýetnamyň, Afrikadan Marokkonyň, Zambiýanyň, Demirgazyk Amerika we Kariblerden Gaitiniň, Panamanyň, Ýewropadan Portugaliýanyň hem-de Irlandiýanyň ýygyndylary Dünýä Kubogyna ilkinji gezek gatnaşýar.

Mundan öňki 8 çempionatda ABŞ-nyň ýygyndysy 4, Germaniýanyň ýygyndysy 2, Norwegiýadyr Ýaponiýanyň ýygyndylary bolsa 1 gezek



çempionlyk gazandy. Ady agzalan ýygyndylar bilen bir hatarda, Şwesiýadyr Braziliýa, Hytaý hem-de Niderlandlar 1 gezek finalda utuldy.

Çempionatyň ilkinji 2 duşuşygynda ýer eýeleri Täze Zelandiýa Norwegiýany (Wilkinson 48), Awstraliýa bolsa Irlandiýany (Katli 52 p) 1–0 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi.

**Dünýä Kubogynyň toparçalary:**

**«A»:** Täze Zelandiýa, Norwegiýa, Filippinler, Şweýsariýa

**«B»:** Awstraliýa, Irlandiýa, Nigeriýa, Kanada

**«C»:** Ispaniýa, Kosta Rika, Zambiýa, Ýaponiýa

**«D»:** Angliýa, Gaiti, Daniýa, Hytaý

**«E»:** ABŞ, Wýetnam, Niderlandlar, Portugaliýa

**«F»:** Fransiýa, Ýamaýka, Braziliýa, Panama

**«G»:** Şwesiýa, Günorta Afrika, Italiýa, Argentina

**«H»:** Germaniýa, Marokko, Kolumbiýa, Günorta Koreýa.

## MESSI MAÝAMIDE

PSŽ toparyndan gaýdan argentinaly Lionel Messi täze kluby bilen, ABŞ-nyň çempionaty MLS-iň wekili «Inter Maýami» bilen resmi ýagdaýda şertnama baglaşdy. 36 ýaşyndaky oýunçy maýamililer bilen 2,5 ýyllyk, ýagny 2025-nji ýylyň 31-nji dekabryna çenli şertnama baglaşdy. Messini garşylamak üçin geçirilen dabara müňlerçe janköýer ýygnandy. Klubuň ýolbaşçylary, şol sanda Prezidenti Dewid Bekham hem dabara gatnaşdy. Messi täze klubunda 10-njy belgili köýnekçäni geýer. Messiniň 2,5 ýyllyk döwür üçin 150 million dollar aljakdygy habar berildi.



Dabarada Serhio Buskets hem «Inter Maýami» bilen edil Messi ýaly 2,5 ýyllyk şertnama baglaşdy. 35 ýaşyndaky ispaniýaly ýarymgoragçy «Inter Maýaminiň» düzüminde 5-nji belgide çykyş eder.



Topar golaýda Messidir Busketse ozalam tälim beren argentinaly Herardo Martinony tälimçilige belledi. «Inter Maýami» çempionatda 15 klubuň arasynda, Gündogar konferensiýada 15-nji orunda barýar.


TÜRKMENISTANYŇ SENAGATÇYLAR WE TELEKEÇILER BIRLEŞMESINIŇ TELEKEÇILER MEKDEBI

bilimiň täze «Sanly marketing we sanly mahabat» ugry boýunça okuwa ýazylyşygyň başlanandygyny habar berýär.




«Telekeçiler mekdebi» jemgyýetçilik birleşiginiň kärhanasy Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýat bölümlerinde «Sanly marketing we sanly mahabat» meýilnamasy boýunça täze okuwy guraýar. Bu okuwyň diňleýjileri ösen tehnologiýalaryň üsti bilen netijeli işewürligi ösdürmek we täze müşderileri çekmek üçin bilim alarlar.

Okuw halkara derejeli, ýokary hünär taýýarlykly mugallymlar tarapyndan alnyp barlar.

Okuwy üstünlikli tamamlan diňleýjilere şahadatnamalar berler.

Işde üstünlik gazanmak üçin «Telekeçiler mekdebi» jemgyýetçilik birleşiginiň kärhanasynda başlanýan «Sanly marketing we sanly mahabat» okuwyna gatnaşmaga çagyrýarys.

Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:
Balkanabat şäherinde: +993222 20723, +99363 460907;
Daşoguz şäherinde: +993322 25072, +99364 779388;
Türkmenabat şäherinde: +993422 47850, +99365 216541;
Mary şäherinde: +993522 73676, +99365 309030.




DURMUŞ TEHNIKASY ÜÇIN ÄTIÝAÇLYK ŞAÝLARY DÜKANY
Магазин запчастей для бытовой техники
РЕАЛИЗУЕМ:
.фреон для автомобильных кондиционеров;
.фреон для холодильников и кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры для сплит систем и оконных кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры и электродвигатели для бытовых, витринных и промышленных холодильников;
.электродвигатели для пылесосов;
.запасные части для стиральных машин.






Tel.: 96 07 67
865 09 57 67

